TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ GARAŞSYZ DÖWLETIMIZIŇ HEMIŞELIK BITARAPLYK HUKUK ÝAGDAÝYNA EÝERIP, DÜNÝÄNIŇ ÝURTLARY WE HALKLARY BILEN DOSTLUKLY, HOŞNIÝETLI GATNAŞYKLARY ALYP BARÝARYS.

ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

22-nji dekabr, 2023. Belgisi 51/1565




# DÖWLETARA HYZMATDAŞLYK BERKIDILÝÄR

**19-njy dekabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Seýed Ebrahim Raisiniň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik boldy.**

Hormatly Prezidentimiz söhbetdeşlikde döwletara hyzmatdaşlygyň wajyp meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga dörän mümkinçilige kanagatlanma bildirip, Türkmenistanyň Eýran Yslam Respublikasy bilen köpugurly gatnaşyklary yzygiderli ösdürmäge we pugtalandyrmaga aýratyn ähmiýet berýändigini nygtady. Bu gatnaşyklar birek-birege hormat goýmaga, müňýyllyklardan gözbaş alýan hoşniýetli goňşuçylyga esaslanýar.

Pursatdan peýdalanyp, Eýranyň Prezidenti özara bähbitli ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga we hemmetaraplaýyn ösdürmäge ägirt uly şahsy goşant goşan türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyza mähirli salamyny ýetirmegi haýyş etdi.

Söhbetdeşligiň dowamynda iki döwletiň Baştutanlary netijeli türkmen-eýran gatnaşyklarynyň häzirki wagtda ikitaraplaýyn derejede hem-de halkara guramalaryň çäklerinde, däp bolşy ýaly, birek-birege hormat goýmak, özara ynanyşmak esasynda ösdürilýändigini kanagatlanma bilen bellediler. Soňky döwürde iki ýurduň arasyndaky syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ulgamlardaky hyzmatdaşlyk işjeň alnyp barlyp, hil taýdan täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylýar.

Muňa hormatly Prezidentimiziň hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň dostlukly goňşy ýurda amala aşyran saparlary gönüden-göni ýardam edýär. Şol saparlaryň dowamynda gazanylan ylalaşyklary iş ýüzünde amala aşyrmak üçin iki tarap hem uly tagalla edýär. Biz bu gün birnäçe ugurlarda anyk netijeleriň gazanylýandygyny görýäris diýip, döwlet Baştutanymyz kanagatlanma bilen belledi.

Söwda-ykdysady ulgamdaky hyzmatdaşlyk türkmen-eýran gatnaşyklarynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda görkezildi. Bu babatda Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki türkmen-eýran hökümetara toparynyň uly ähmiýetiniň bardygy aýratyn bellenildi. 17-18-nji noýabrda Aşgabatda bu toparyň 17-nji mejlisi geçirildi. Şeýle hem onuň çäklerinde Eýran Yslam Respublikasynyň ýöriteleşdirilen sergisi, Türkmen-eýran işewürlik maslahaty guraldy.

Söhbetdeşligiň barşynda bellenilişi ýaly, türkmen-eýran söwda-ykdysady gatnaşyklary esasy üç ugurda işjeň alnyp barylýar. Tebigy gaz pudagy onuň esasy ugurlarynyň biridir. Şu nda türkmen tebigy gazyny Eýrana we onuň çäklerinden «swap» görnüşinde üçünji ýurtlara ibermek meselesi barada bellemek bolar. Elektroenergetika pudagy hem türkmen-eýran hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda durýar. Ulag ulgamy hem döwletara gatnaşyklaryň ösmeginde uly orun tutýar. Bellenilişi ýaly, ýurdumyz bu ulgamda Eýran bilen özara hereketleriň giňeldilmegine hem-de ýük gatnawlarynyň artdyrylmagyna aýratyn ähmiýet berýär. Şunuň bilen baglylykda, awtomobil ýollaryny gurmak babatda bilelikde işlemegiň oňyn tejribesiniň toplanandygy nygtaldy.

Hormatly Prezidentimiz medeni-ynsanperwer ulgamda hyzmatdaşlygyň döwletara gatnaşyklary berkitmekde, halklary ýakynlaşdyrmakda hem-de medeniýetleri özara baýlaşdyrmakda uly orun eýeleýändigini nygtap, ylym, bilim, medeniýet, sungat, sport ulgamlarynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmaga uly mümkinçilikleriň bardygyny aýtdy. Bellenilişi ýaly, wekiliýetleriň özara saparlarynyň yzygiderli guralmagy, döredijilik duşuşyklary we maslahatlar iki dostlukly goňşy halkyň taryhy-medeni, ylmy-edebi mirasyny wagyz etmäge ýardam berýär. Şu nda 2024-nji ýylda tutuş dünýäde uly sarpa goýulýan görnükli türkmen şahyry we Gündogaryň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň hormatyna guraljak bilelikdäki möhüm çärelere üns çekildi.



## Täze ýyl – täzelenişiň we joşgunyň baýramy

Häzirki wagtda ýurdumyzyň ähli künjeginde Täze ýyly mynasyp garşylamaga taýýarlyk görülýär. Täze ýyl maşgala baýramçylygy hökmünde dünýäniň ähli künjeginde giňden bellenilýär.

Bu baýramyň golaýlaşýandygy hemme ýerde duýulýar. Söwda merkezleriniň, dükanlaryň tekjelerinde bezeg oýnawaçlary we dürli şarlar, emeli arçalar, geljek ýylyň nyşany – balygyň şekilleri peýda boldy. Däp bolşy ýaly, bu baýramçylyk mynasybetli Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi tarapyndan ýurdumyzyň welaýatlarynda, paýtagtymyz Aşgabatda göçme söwda nokatlary öz işine başlady.

3



## Ynsan saglygy – jemgyýetiň iň ýokary gymmatlygy

**Jemgyýetiň we döwletimiziň iň ýokary gymmatlygy bolan adamyň saglygyny goramak ýurdumyzda döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Hormatly Prezidentimiziň öňe sürýän «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ýörelgesi esasynda milli saglygy goraýyş ulgamyny has-da döwrebaplaşdyrmak üçin täze belent maksatlar we wezipeler goýulýar. «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň esasynda ilatyň saglygy baradaky aladanyň döwlet syýasaty derejesine göterilmegi saglygy goraýyş işgärlerine halkymyza hyzmat edip, ak ýürekden zähmet çekmäge itergi berýär hem-de olaryň öňünde uly wezipeleri goýýar.**

3

## Oňyn ykdysady görkezijiler gazanylýar

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzy ähli taraplaýyn ösdürmegi maksat edinýän milli maksatnamalar, durmuş-ykdysady özgertmeler ykdysady ösüşiň çaltlanmagynda oňyn şertleri üpjün edýär. Bu ugurda kabul edilen «Türkmenistanda 2019 – 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynda», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» hem-de «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» bellenen wezipeler durmuşa geçirilýär.

2



## Türkmen-rus gatnaşyklary okgunly ösüşe beslenýär

***20-nji dekabrda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bilen Russiýa Federasiýasynyň Federal Ýygnagynyň Federasiýa Geňeşiniň Başlygy Walentina Matwiýenkonyň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik boldy.***

Gahryman Arkadagymyz, ilki bilen, RF-niň parlamentiniň ýokarky palatasynyň ýolbaşçysyna Federal Ýygnagyň döredilmeginiň we Russiýanyň Konstitusiýasynyň kabul edilmeginiň 30 ýyllygy mynasybetli gutlaglaryny beýan etdi, şeýle hem ony Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna gatnaşyjy döwletleriň Parlament Assambleýasynyň geňeşiniň Başlygy wezipesine täzeden saýlanylmagy bilen gutlady.

Bellenilişi ýaly, tamamlanyp barýan 2023-nji ýylda däp bolan türkmen-rus gatnaşyklary giň ugurlar boýunça okgunly ösüşe beslendi. Şunuň bilen baglylykda, türkmen halkynyň Milli Lideri ýokary döwlet, hökümet we parlament derejesindäki gatnaşyklaryň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmagyň esasy şerti bolup durýandygyny belledi. Iki ýurduň wekiliýetleriniň yzygiderli duşuşyklarydyr saparlary strategik döwletara hyzmatdaşlygyň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşmak üçin mümkinçilik döredýär. Şunuň bilen birlikde, ynsanperwer ulgamda we halk diplomatiýasynyň ugry boýunça özara gatnaşyklaryň işjeňleşdirilýändigi aýdyldy, Türkmenistan bilen Russiýanyň halklarynyň arasyndaky dostlugy pugtalandyrmak, olaryň gatnaşyklarynyň ösdürilmegine, özara hormat goýmagy, ynanyşmagy berkitmäge ýardam bermek üçin iki tarapyň hem mundan beýläk-de zerur şertleri döretmegi dowam etdirjekdigine ynam bildirildi.



Öz gezeginde, Russiýanyň parlamentiniň ýokarky palatasynyň Başlygy türkmen halkynyň Milli Lideriniň garaýşyny tutuşlygyna goldap, rus tarapynyň iki ýurduň strategik hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de çuňlaşdyrmaga berk ygrarlydygyny tassyklady.

Mälim bolşy ýaly, häzirki wagtda Russiýa Federasiýasy özüniň döwlet durmuşynda jogapkärli döwri başdan geçirýär. Geljek ýylyň martynda geçiriljek RF-niň Prezidentiniň saýlawlary döwletiň we jemgyýetiň öňünde durýan wajyp meseleleri çözmäge gönükdirilen syýasy, ykdysady, durmuş özgertmelerini amala aşyrmakda möhüm tapgyr bolar. Russiýanyň köpmilletli halkynyň dogry taryhy çözgüdi kabul etjekdigine, şunlukda, rus halkynyň köp nesilleriniň uzak möhletleýin geljek üçin ykbalyny kesgitlejekdigine ynam bildirildi.

Ikitaraplaýyn gatnaşyklar baradaky gürrüňi dowam edip, söhbetdeşler söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy, medeni-durmuş ulgamynda bilelikdäki hereketleri ösdürmegiň zerurdygyny bellediler. Şunda hökümetara türkmen-rus toparyna wajyp orun degişlidir. Şol toparyň nobatdaky mejlisi geljek ýylyň başynda Aşgabatda geçiriler. Mejlisiň dowamynda ykdysadyýetde, bilimde, ylymda, beýleki pudaklarda ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň mümkinçiligini ulanmak bilen baglanyşykly meseleleriň uly toplumy ara alnyp maslahatlaşylar.

Şeýle-de, söhbetdeşligiň dowamynda iki ýurduň syýasy-diplomatik ulgamda, şol sanda halkara giňişlikde, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde hyzmatdaşlygyň netijeli häsiýete eýedigi nygtaldy. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň we Russiýanyň özüni halkara gatnaşyklaryň jogapkärli, hormata mynasyp gatnaşyjylary hökmünde görkezendikleri bellenildi. Şunda RF-niň Federal Ýygnagynyň Federasiýa Geňeşiniň Başlygy Bitarap Türkmenistanyň parasatly we öňdengörüjilikli daşary syýasatyna aýratyn ünsi çekdi.



## Ylymly ýaşlar – ýurdumyzyň geljegi

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda şu ýyl ýurdumyzyň ýaşlarynyň durmuşynda ýatdan çykmajak köp sanly çärelere, taryhy wakalara beslendi. Ýene sanlyja günden geçiriljek Ýaşlaryň dabaraly maslahaty we sergisi olaryň özboluşly jemlenmesi bolar. Bu dabarada ýylyň dowamynda ýurdumyzda hem-de daşary ýurtlarda geçirilen halkara sport ýaryşlarynda, mekdep okuwçylarynyň ders olimpiadalarynda, talyplaryň bäsleşiklerinde ýeňiji bolanlaryň, ykdysadyýetiň dürli ugurlarynda zähmet çekip, ýurdumyzyň ösüşine mynasyp goşant goşan ýaşlarymyzyň gazanan üstünlikleriniň jemi jemlener.

3

### «Apple»-den öňe geçer

**«Microsoft» 2024-nji ýylda «Apple»-den öňe geçip, dünýäniň iň uly kompaniýasyna öwrülmäge taýýarlanýar. Maglumatlara görä, soňky on ýylda «Apple» bu ugurda öňdeligi eýeledi, ýöne «Microsoft» ýagdaýy üýtgetmegi meýilleşdirýär.** 4

### Dünýäniň iň sowuk adasy

**Grenlandiýa buz bilen örtülen ada bolup, sowuk howa bilen gurşalandyr. Adanyň tutýan meýdany 2,130,800 inedördül kilometre barabar. Dünýäniň iň uly adasy hasaplanýan Grenlandiýa Daniýanyň awtonom bölegidir.** 5

### 81-nji «Altyn globus» baýraklarynyň dalaşgärleri mälim edildi

**Kino sungatynyň abraýly baýraklaryndan «Altyn globus» baýraklarynyň dalaşgärleri mälim edildi. 81-nji gezek geçiriljek «Altyn globus» baýraklarynda «Barbi» filmi iň köp dalaşgärlik gazanan ekran eseri boldy.** 6

### Finalda «Fluminense» bilen «Mançester Siti» duşuşar

**Saud Arabystanynyň Jidda şäherinde geçirilýän 20-nji FIFA Klublararasy Dünýä Kubogynyň finaly şu gije geçiriler. 23:00-da başlanjak finalda «Fluminense» bilen «Mançester Siti» toparlary duşuşar.** 7

FLUMINENSE MANCHESTER CITY

# Oňyn ykdysady görkezijiler gazanylýar

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Ykdysady ösüşiň gazananlarynyň halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini mundan beýläk-de gowulandyrmaga gönükdirilmegi ýurdumyzda «Döwlet adam üçindir!», «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ajaýyp ýörelgeler esasynda adam hakynda edilýän aladanyň subutnamasydyr.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň binýatlyk pudagy bolan ýangyç-energetika, ulag-aragatnaşyk, söwda, senagat ugurlaryndaky özara netijeli hyzmatdaşlyk gatnaşyklary milli ykdysadyýetimizi ösdürmekde möhüm ähmiýete eýedir. Hut şu nukdaýnazardan hyzmatdaşlygyň oňyn tejribesine hem-de ýörelgesine daýanmak bilen, ýurdumyz halkara maýa goýum mümkinçiliklerini netijeli ulanmak, maýa goýum möçberlerini artdyrmak meselelerine we daşary ýurtly işewürler bilen hyzmatdaşlyga aýratyn üns berýär.

Ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda maýa goýumlaryň uly möçberde özleşdirilmegi milli ykdysady ulgamyň ösüşe ukyplylygyndan habar berýär. Şu ýylyň on bir aýynyň jemlerine bagyşlanyp, Ministrler Kabinetiniň 8-nji dekabrda sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisinde berlen hasabatlardyr beýan edilen görkezijiler hem ýurdumyzda durnukly ösüşiň üpjün edilýändigini tassyklaýar. Ylaýta-da, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, jemi içerki önümiň 6,3 göterim ýokarlanmagy ykdysady syýasatyň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini alamatlandyrýar.

Hökümet mejlisinde şu ýylyň on bir aýynda Oba milli maksatnamasyny durmuşa geçirmegiň çäklerinde durmuş maksatly binalaryňdyr desgalaryň 52-siniň, suw we lagym arassalaýjy desgalaryň 34-siniň, ýaşaýyş jaýlarynyň 491,1 müň inedördül metriniň, inženerçilik ulgamlarynyň we desgalarynyň gurluşyk işleriniň alnyp barlandygy barada aýdyldy. Bu maglumatlar ýurduň gurujylyk kuwwatyndan habar berýär.



**Käbe KAKAJANOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# TÜRKSOÝ-yň 30 ýyllygyna bagyşlanan dabara

Ýakynda BMG-niň ylym, bilim we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) Pariždüäki ştab-kwartirasynda TÜRKSOÝ-yň 30 ýyllygyna bagyşlanan aýdym-sazly dabara geçirildi.

Azerbaýjanyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Türkmenistanyň, Türkiýäniň we Özbegistanyň ÝUNESKO-nyň ýanyndaky hemişelik wekilhanalary tarapyndan TÜRKSOÝ bilen hyzmatdaşlykda guralan dabara dünýäniň 7 ýurdundan 70-e golaý artist we 1500-e golaý tomaşaçy gatnaşdy. Dabarada türki halklaryň sazlary we milli aýdymlary ýaňlanyp, sebit ýurtlarynyň milli egin-eşiklerini geýnen artistleriň ýerine ýetiren milli tanslary tomaşaçylaryň ýokary bahasyna mynasyp boldy. Dabarada türkmen artistleri «Küştdepdi» milli tansymyzy ýerine ýetirdiler. Küştdepdiniň kökleri gadymy türkmen däpleriniň häzirki wagtda sungatda şöhlelenmesiniň alamatydyr.



Bilşimiz ýaly, Ahal ýaýlasynyň gadymy mekany bolan Änew şäheri 2024-nji ýylda «Türki dünýäniň medeni paýtagty» diýlip yglan edildi. Änew şäherine 2024-nji ýyl üçin «Türki dünýäniň medeni paýtagty» derejesini bermek baradaky degişli karar Türkiýäniň Bursa şäherinde geçirilen TÜRKSOÝ guramasynyň medeniýet ministrleriniň hemişelik geňeşiniň 39-njy mejlisinde kabul edilipdi. «Änew – türki dünýäniň medeni paýtagty – 2024» ýylynyň çäginde Türkmenistanda türki döwletleriň medeniýet işgärleriniň we sungat ussatlarynyň, alymlarynyň, žurnalistleriniň we syýahatçylyk pudagynyň işgärleriniň gatnaşmagynda forumlary, festiwallary we konferensiýalary geçirmek meýilleşdirilýär.

**Muhammet SERDAROW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Elektrik energiýasynyň ýarysyndan gowragy arassa çeşmelerden alynýar

Ýewropanyň senagat taýdan ösen ýurdy bolan Germaniýada arassa çeşmelerden alynýan elektrik energiýasynyň möçberi 50 göterimden geçdi. Geçen ýyl ýurtda sarp edilen energiýanyň 47 göterimi arassa çeşmelerden alnypdyr. Ýylyň ahyryna çenli bu görkezijiniň 52 göterime ýetmegine garaşylýar. Şeýlelikde, ýurtda ilkinji gezek arassa energiýanyň paýy adaty çeşmelerden alynýan möçberinden öňe geçdi. Germaniýanyň energiýa we suw senagatlary bileleşigi 2030-njy ýyla çenli elektrik energiýasynyň 80 göteriminiň ýel we Gün energiýasyndan alynmagynyň maksat edinilýändigini habar berdi. Şeýle hem ýurtda elektrik energiýasynyň sarp edilişi azalar. Maglumatlara görä, geçen ýyl ýurtda 540 milliard kW/sagat elektrik energiýasy sarp edilipdir. Üstümizdäki ýylyň ahyryna çenli bu görkezijiniň 517 milliard kW/sagat bolmagyna garaşylýar.



**Dürli AGAÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

# Türkmen-koreý hyzmatdaşlygy ösüş ýolunda

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan häzirki zaman halkara hyzmatdaşlyk ulgamynyň işjeň gatnaşyjylarynyň biri bolmak bilen, sebitde we dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmek işine özüniň mynasyp goşandyny goşýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň daşary syýasaty binýatlaýyn esasda, ýagny bitaraplyk, parahatçylygy söýmek, hoşniýetli goňşuçylyk we özara bähbitli hyzmatdaşlyk kadalaryna berk eýermek arkaly amala aşyrylýar. Şeýle syýasat bize hyzmatdaşlarymyz bilen netijeli gatnaşyklary ýola goýmaga, dürli ugurlar boýunça jikme-jik we köpugurly gepleşikleri alyp barmaga, özara kabul ederlikli çözgütleri tapmaga mümkinçilik berýär.



«Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2017–2023-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynyň» çäklerinde dünýä döwletleri bilen ikitaraplaýyn esasda hem, halkara guramalaryň çäklerinde hem gatnaşyklar maksatlaýyn we özara bähbitlere hormat goýmak esasynda ösdürilýär. Türkmenistanyň hyzmatdaş döwletleriniň biri hem Koreýa Respublikasydyr. Koreýa Respublikasy bilen Türkmenistanyň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýylyň 7-nji fewralynda ýola goýuldy. 2007-nji ýylda Aşgabatda Koreýa Respublikasynyň, 2013-nji ýylda Seulda Türkmenistanyň ilçihanalary açyldy. Türkmenistan 2007-nji ýyldan bäri Seulda geçirilýän «Koreýa–Merkezi Aziýa» atly forumlara yzygiderli gatnaşyp gelýär.

Hyzmatdaş döwletimiz bolan Koreýa Respublikasynyň döwlet gullugynyň medeni we jemgyýetçilik aýratynlyklary özboluşly mana eýedir. Islendik döwletde döwlet syýasatyny işläp düzmekde we durmuşa geçirmekde şol ýurtda döwlet gullugynyň medeni we jemgyýetçilik aýratynlyklarynyň döwlet işgärleriniň işine täsir edişine we beýleki ýurtlaryňkydan tapawutly aýratynlyklaryna üns bermek ähmiýetlidir.

Koreýa Respublikasynyň döwlet gullukçylary öz ýolbaşçylaryna hormat goýmak bilen, ýolbaşçylaryň kararlaryny, buýruklaryny ýokary guramaçylyk derejede ýerine ýetirýärler. Döwlet gullugynyň medeni aýratynlyklary ýaşululara hormat goýmak, öz işine wepalylyk we resmi bolmak ýaly koreý medeniýetiniň esasy gymmatlyklaryny we kadalaryny özünde jemleýär. Bu aýratynlyklara düşünmek işgärlere döwlet gullugynda netijeli işlemäge kömek edýär.

Koreý medeniýeti resmi we protokola hormat goýmagy bilen tanalýar. Resmi we düzgünleri berjaý etmek işiň möhüm tarapy bolan döwlet gullugynda öz beýanyny tapýar. Döwlet işgärleri beýleki işgärler hem-de raýatlar bilen aragatnaşyk saklanda protokola eýermelidirler. Umuman aýdanyňda, ýurduň medeni we jemgyýetçilik aýratynlyklary döwlet işgärleriniň işine ep-esli täsir edýär. Bu aýratynlyklara düşünmek we göz öňünde tutmak, işgärlere döwlet gullugy guramasynda netijeli işlemäge we maksatlaryna ýetmäge kömek edýär.

**Ysmaýyl ORAZDURDYÝEW,**
*Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň magistranty.*

# Dil – milletiň baýlygy

Türkmen dili öz ösüşiniň ähli döwürlerinde umumyhalk häsiýetini saklap, tutuş türkmen halkynyň möhüm aragatnaşyk serişdesi hökmünde hyzmat edipdir. Türkmen dili köp şahaly bolup, oňa ýurdumyzda we daşary ýurtlarda ýaşaýan türkmenleriň şiweleri degişlidir. Türkmen diline ýerli şiwelerden başga-da, professional sözler, žargonlar, wulgarizmler we argotizmler hem girýär.

Edebi dil türkmen diliniň has ösen ýokary formasy bolup, söz ussatlary tarapyndan işlenen, timarlanan, kämil dildir. Onuň ösen sözlük düzümi, baý fonetik ulgamy, kämil grammatik gurluşy bar. Onuň orfoepiýasy, orfografiýasy we terminologiýasy ýörite kadalaşdyrylýar. Edebi dil orta we ýokary okuw mekdeplerinde sapak hökmünde okadylýar.



Edebi dil adamlaryň özara düşünişmegini üpjün etmekden başga-da, halkyň ruhy we medeni hajatlaryny kanagatlandyrmak üçin hem hyzmat edýär. Ol çeper edebiýatyň, publisistik eserleriň, gündelik metbugatyň, radionyň, teleýaýlymlaryň, teatryň, ylmyň, döwlet edaralarynyň, mekdebiň we ş.m. dili hökmünde halkyň ähli gatlaklary üçin deň derejede ulanylýar.

Türkmen edebi dili umumyhalk diliniň esasynda kemala gelipdir. Onuň döreýşi irki döwürlere degişlidir. VI-VII asyrlara degişli Orhon–Ýeniseý ýazuw ýadygärlikleriniň dilinde türkmen edebi diliniň elementlerini görmek bolýar. Bularda türki dilleriň häsiýetli aýratynlyklary hem äşgär duýulýar.

Türkmenistanyň Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşip, Gündogar bilen Günbatary birleşdirmegi netijesinde, türkmen dili, bir tarapdan ural-altaý dilleri bilen, ikinji tarapdan hindi-ýewropa dilleri bilen ýakynlaşypdyr. Munuň özi türkmen diliniň sözlük düzüminiň ösmegine getiripdir.

XX asyryň 20-30-njy ýyllaryndan soň türkmen diliniň ulanylyş mümkinçiligi has artdy. Öň ýazuw formasynda türkmen dili dessanlaryň hem şygryýetiň dili bolan bolsa, şondan soň, diňe bir poeziýanyň dili bolman, prozanyň, dramaturgiýanyň, publisistikanyň hem diline öwrüldi. Türkmen edebi dilini baýlaşdyrmakda ýazyjy-şahyrlarymyz B.Kerbabaýew, H.Derýaýew, B.Seýtäkow, A.Gowşudow, G.Kulyýew, K.Gurbannepesow, B.Hudaýnazarow, G.Ezizow ýaly söz ussatlary uly hyzmatlary bitirdiler.

Türkmen diliniň milli häsiýeti, özboluşly aýratynlyklary onuň leksikasynda, fonetikasynda, söz ýasalyşynda we grammatik gurluşynda açyk görünýär. Türkmen diliniň sözlük gory giň bolup, gadymylygy hem milli özboluşlylygy bilen häsiýetlenýär. Diliň leksikasynda ýer-ýurt atlary gadym zamanlardan bäri saklanyp galypdyr.

**Eneş ATAMYRADOWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

# Awiasiýa pudagy güýçli depginde ösýär

Pandemiýanyň yzda galmagy bilen awiasiýa pudagy güýçli depginler bilen ösýär. Awiakompaniýalaryň hyzmatlaryna bolan isleg hem ýokarlandy. Bu bolsa howa gämilerine bolan islegi görnetin artdyrdy. Germaniýanyň «Lufthansa» kompaniýasy umumy bahasy 9 milliard dollar bolan uçar sargyt etdi. Kompaniýa gysga we orta uzaklyga uçmaga niýetlenen uçarlary satyn alar. Munuň üçin «Boeing» kompaniýasy bilen 100 sany «Boeing 737-8 MAX» uçaryny satyn almak üçin ylalaşyk gazanyldy. «Airbus» bilen bolsa, 60 uçary satyn almak üçin şertnama gol çekişdi. Şeýle hem kompaniýa täze hyzmatdaşy «City Airlines» üçin 40 sany «A320» seriýasyna degişli uçar satyn alar. Uçarlaryň 2026–2032-nji ýyllar aralygynda taýýar edilmegine garaşylýar.



Türk howa ýollary kompaniýasy hem «Airbus» bilen 355 sany täze uçar satyn almak barada ylalaşdy. Awiakompaniýa «A321 Neo», «A350», «A350-900», «A350-1000» we 10 sany «A350-Freighter» seriýasyna degişli uçary satyn alar.

**Allaýar KIÇIGULOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

# Emeli usulda ýagyş ýagdyryldy

Pakistanyň Penjab welaýatynyň Lahor şäherinde howany arassalamak maksady bilen emeli ýagyş ýagdyryldy. Welaýatyň hökümet başlygy Muhsin Nakwi bulutlary döredýän uçarlaryň Lahoryň 10 sebitinde uçandygyny mälim etdi. Emeli ýagynyň ýagdyrylmagy üçin bu şähere Birleşen Arap Emirliklerinden 2 uçar hem-de hünärmenler barypdyr. Şeýlelikde, ýurduň taryhynda ilkinji gezek şäheriň dürli ýerlerinde emeli usulda ýagyş ýagdyrylypdyr.



Mundan ozal Hytaýda hem emeli ýagyş ýagdyrmak synagdan geçirilipdi. Adatça emeli gar ýa-da ýagyş gurakçylyga garşy göreşmek, ilatly nokada garyň köp ýagmagynyň öňüni almak maksady bilen ýagdyrylýar.

**Serdar SAPAROW,**
*Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň talyby.*

# Fiziki işjeňlik we saglyk



Dogry iýmitlenmek we sport bilen meşgullanmak beýleki sagdyn ýaşaýyş düzgünleri berjaý etmek bilen bilelikde sagdyn ýaşaýşa mümkinçilik berýär. Munuň üçin gündelik endikleriňe üns bermeli.

### KÖPRÄK PYÝADA GEZMELI

Işleýän edaraňyz, okaýan ýeriňiz ončakly uzakda ýerleşmeýän bolsa, pyýada gatnamaga endik ediň! Günüň aglaba bölegini kompýuteriň başynda geçirýän, hemişe oturyp işleýän ýa-da awtomobil sürýän adamlara irden, günortanlyk arakesme wagtynda, agşamara azyndan 20 minutlap gezim etmek maslahat berilýär.

### ÝOKARKY GATLARA BASGANÇAKDAN GALMALY

Köp gatly binalara barlanda lifti ulanmagyň ýerine ýokary gatlara basgançakdan çykmagy endik etmeli. Basgançakdan ýokary galyp, aşak düşmek sport zalyna barmazdan işjeň hereket etmegiň ýeňil usulydyr.

### AKYL ZÄHMETI BILEN MEŞGULLANMALY

Her gün belli bir wagtda asuda otaga girmeli we birnäçe wagtlap hiç zat hakynda pikir etmän, ümsüm oturmaly. Uludan dem alyp, endamyňy gowşatmaly. Ünsüňi daşky dünýäden, oý-pikirlerden sowmaga çalyşmaly. Bu ýagdaý adama fiziki we emosional taýdan dynç almaga, gujur-gaýratyny dikeltmäge mümkinçilik berýär.

### MYŞSALARY ÝAZMALY

Beden myşsalary örän maýyşgak bolup, olar näçe köp dartylsa, şonça-da dartgynlaşýar, gataýar. Myşsalar ýazylanda gan aýlanyş işjeňleşýär. Gan aýlanyş işjeňleşende bolsa, ähli beden agzalaryny gan arkaly iýmitlendiriji maddalar bilen üpjün etmäge mümkinçilik döreýär. Ýoga bilen meşgullanmak myşsalary ýazmagyň iň ygtybarly usulydyr. Eger muňa mümkinçilik bolmasa, onda myşsalary ýazýan ýönekeý maşklary ýerine ýetirmeli. Meselem, dik duran ýeriňde elleri kelläniň depesinde birleşdirmeli. Daraklygyňa galyp, birleşen elleriň aýaklaryny ýokary çekmäge çalyşmaly. Myşsalary ýazýan maşklary günüň dowamynda özüň üçin oňaýly wagtda birnäçe gezek gaýtalamaly.

### DEM ALYŞ MAŞKLARYNY ÝERINE ÝETIRMELI

Uludan dem almak bedeni kislorod bilen ýeterlik derejede üpjün etmäge, myşsalary gowşatmaga, stresiň zyýanly täsirini aradan aýyrmaga kömek edýär. Dem alyş maşklaryndan burnuň sag we çep taraplary bilen gezekli-gezegine dem almak peýdaly bolup, ol öýkeni we ýokary dem alyş ýollaryny howalandyrmakda uly ähmiýete eýe bolup durýar. Bu maşky ýerine ýetirmek üçin, barmagyň bilen burnuň bir tarapyny ýapyp beýleki tarapy bilen dem almaly. Maşky haýallyk bilen gezekli-gezegine birnäçe sapar gaýtalamaly. Öýkeni we dem alyş ýollaryny işjeňleşdirýän bu maşky ýerine ýetirmegi aýratyn hem ýiti respirator ýokançlaryň, ýiti respirator wirusly keselleriň öňüni almak maksady bilen gündelik endige girizmek maslahat berilýär.

### WAGTYŇY GYZYKLY GEÇIRMELI

Açyk tebigata gezelenje çykmaly, şypahanalarda saglygyňy dikeltmeli, dürli sport oýunlaryny oýnamaly, teatra gitmeli, ýakyn dostuň bilen çaý başynda gürrüň etmeli.

### MYDAMA IŞJEŇ HEREKETDE BOLMALY

Her gün fiziki we akyl taýdan işjeň hereket etmäge çalyşmaly. Öý hojalyk işlerini ýerine ýetirmeli, bagda, bakjada işlemeli, küşt-şaşka oýnamaly, krossword çözmeli. Akyl zähmeti bilen meşgullanylýan wagtda käte ýeriňden turup, otagyň içinde gezmelemeli. Häli-şindi gerek bolýan zatlary (telefon, ruçka, kagyz, çäýnek-käse) elýeteriňde däl-de, oturan ýeriňden biraz uzakda saklamaly, zerur bolanda olary almak üçin tiz-tizden ýeriňden turmaga ýaltanmaly däl.

**Merjen REJEPOWA,**
*Onkologiýa ylmy-kliniki merkeziniň radiolog lukmany.*

# Ýaşyl zolakda ýaşaýanlar sagdyn bolýar

Bagda ýa-da tokaýda gezelenç etmegiň saglyk üçin peýdalydygy hemmelere mälim bolsa gerek. Häzire çenli geçirilen birnäçe ylmy barlagda ýaşyl zolaklaryň köp ýerinde ýaşaýanlaryň has sagat bolýandygy, gaýgy-gussadan uzak we ýürek-damar kesellerine az duçar bolýandygy ýüze çykaryldy. Indi bolsa, seýil baglaryna, agaçlara we beýleki ýaşyl zolaklara golaý gezmegiň adam bedenindäki öýjükleriň garramagyny haýalladýandygy anyklandy. Bu barada «Populer Science» žurnalynda makala çap edildi. Makalanyň awtory, Demirgazyk Karolina uniwersitetiniň ylmy işgäri, professor Aaron Hipp geçirilen barlaglaryň netijesinde adamyň ýerine ýetirýän maşklarynyň, iýmitiniň we gurşawynyň ömrüň dowamlylygyna täsiriniň bardygyny belleýär. Onuň sözlerine görä, ilatly ýerlerde bag köp bolanda adatça tomsuna howa salkyn we arassa bolýar.



**Mähri ANNABERDIÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň uly mugallymy.*

# Gowy netije görkezen ýurtlar

«The Economist» žurnaly 2023-nji ýylda ykdysady taýdan gowy netije görkezen ýurtlary saýlady. Britan neşiri dünýäniň 35 ýurduna baha beripdir. Sanaw taýýarlananda hümmetsizlenme, jemi içerki önüm, iş bilen üpjünçilik we biržadaky ýagdaý ýaly bäş ölçegden peýdalanylypdyr. Sanawda birinji orny Gresiýa eýeläpdir. Koreýa Respublikasy hem-de ABŞ ilkinji üçlüge giripdir. Gresiýa geçen ýylky sanawda hem birinji bolupdy. Ýewro sebitindäki bu ýurtda biržanyň gymmaty 40 göterim artypdyr. Soňky ýyllarda ýurtda bazar ykdysadyýeti üçin bähbitli özgertmeler durmuşa geçirilipdir. Koreýa Respublikasynda Merkezi bankyň 2022-nji ýyldaky göterimi artdyrmagynyň gowy netije berendigi we hümmetsizlenmegiň çäginiň azalandygy bellenildi. Üçünji ýeri eýelän ABŞ jemi içerki önüm hem-de iş bilen üpjünçilik babatda ýokary netije görkezipdir.



**Merjen ANNAMUHAMMEDOWA,**
*Aşgabat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

# Bir terawatdan geçer

Maglumatlara görä, tamamlanyp barýan ýylda dünýäde ýelden alynýan energiýanyň möçberi 1 terawatdan geçer. Geljek ýyl täze ýel fermalarynyň gurulmagy bilen bu görkeziji 143 gigawat artar. Bu barada Global ýel energiýa geňeşi we «WindEurope» assosiasiýasy habar berýär. Taýýarlanan maglumatda ýel energiýasyndaky ösüş geljek ýyl hökümetleriň, şäherleriň, maýadarlaryň we müşderileriň goldawy bilen ösüşini dowam etdirer. Maglumatlara görä, 2030-njy ýyla çenli ýel energiýasynyň önümçilik kuwwaty her ýyl ortaça 13 göterim artyp, 2 terawata ýeter. Global ýel energiýasynyň önümçilik kuwwaty 1 terawat dereje 40 ýylda ýetdi. Häzirki wagtda tehnologiýanyň ösmegi bu ugurda has çalt ösüş gazanmaga mümkinçilik berýär.



**Amansoltan MEREDOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

# 50 milliona ýetdi

Smartfonlar dürli maksatlar, şol sanda oýun oýnamak üçin hem ulanylýar. Şeýle-de bolsa, ýörite oýun oýnamaga niýetlenen enjamlar hem uly islegden peýdalanylýar. Iri kompaniýalar bu enjamlaryň satuwyndan hem ýokary girdeji gazanýarlar. Ýaponiýanyň «Sony» kompaniýasynyň 2020-nji ýylda satuwa çykaran «PlayStation 5» konsolynyň satuwynyň 50 milliona ýetendigi mälim edildi. «Sony Interactive Entertainment» kompaniýasynyň global marketing boýunça başlygynyň orunbasary Erik Lempel bu enjamdan noýabr aýynda has köp satylandygyny belledi. Bu enjama yzygiderli täze oýunlar goşulýar. Geljek ýylyň ýanwar aýynda «The Last of Us Part II Remastered», fewralda «Final Fantasy VII Rebirth» atly oýunlar giriziler. Lempel geljek ýyl rekord satuwa garaşýandyklaryny belledi.



**Mahym ANNAMYRADOWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

# 5 minutda zarýad alar

Birnäçe awtoulag brendine eýeçilik edýän «Stellantis» topary bäş minutdan az wagtda zarýad berip bolýan tehnologiýany işläp taýýarlady. Bu tehnologiýa ozal öndürilen we häzir sürlüp ýörlen ulaglara oturtmak maksady bilen öndürildi. Ilkinji nobatda, kiçi göwrümli «Fiat 500» hem-de ýolsuz ýerden ýöreýän «Jeep Avenger» ulaglaryna täze batareýany oturdyp bolar. Gysga wagtda zarýad alýan batareýalary merkezi edarasy San-Fransiskoda ýerleşýän «Ample» kompaniýasy işläp taýýarlapdyr. Bu kompaniýa tarapyndan işlenip taýýarlanan zarýad beriş beketlerini bolsa, islendik ýere üç günüň dowamynda oturdyp bolýandygy habar berildi. Bu batareýalary islendik elektroulagyň batareýasy bilen çalşyp bolar. Ony oturtmak üçin ulagy gaýtadan dizaýn etmäge zerurlyk duýulmaýar.



«Stellantis» bu batareýalary aýlyk töleg arkaly müşderilerine ýetirmegi meýilleşdirýär. Täze tehnologiýa geljek ýyldan Ispaniýanyň Madrid şäherindäki elektroulaglara oturdylyp başlanar.

**Mähriban JUMAMYRADOWA,**
*Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň talyby.*

# Aýda 100 ýewro elektroulag berler

Fransiýada pes girdejili maşgalalar aýlyk 100 ýewro töläp elektroulag sürüp bilerler. Geljek ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girjek bu ýeňillikde diňe Fransiýada ýa-da Ýewropada öndürilen elektroulaglardan peýdalanyp bolar. Kärende görnüşinde beriljek ulaglar üçin ýylyň başyndan ýüztutmalar kabul edilip başlanar. Geljek ýylyň dowamynda azyndan 20 müň elektroulag berler. Soňlugy bilen maksatnamanyň çäklerinde has köp ulagyň ýeňillikli töleg bilen halka ýetiriljekdigi mälim edildi. Maksatnamanyň çäklerinde ulanyjynyň ulagy satyn almagy talap edilmeýär. Ulanyjylaryň ýeňillikden peýdalanmagy üçin azyndan üç ýyllyk möhlet bilen şertnama baglaşmagy ýeterlik. Şeýle hem bu maksatnamadan 18 ýaşyny dolduran we Fransiýada ýaşaýan islendik adam peýdalanyp bilýär. Bu maksatnamada diňe adamlaryň awtoulagly bolmaklaryny däl, eýsem, ýurtda elektroulag senagatynyň ösmegine goşant goşulmagy hem-de daşky gurşaw üçin zyýansyz ulaglaryň sanynyň köpeldilmegi hem göz öňünde tutulýar.



**Rahym DÖWLETOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Ýylyň iň gowy tebigat suratlary

Dürli guramalar her ýylda ýylyň iň gowy suratlaryny saýlaýarlar. Şolaryň arasynda tebigat bilen bagly iň şowly çykan suratlary saýlaýan birnäçe agentlik bar. Bu suratlar köpleriň ünsüni özüne çekýär. Täjirçilik maksady bolmadyk adybir gazna tarapyndan saýlanýan suratlarda tebigatdaky köpdürlüligi görmek bolýar. Jemi 47 surat dürli ugurlardan baýraga mynasyp görlüpdir.

Ýylyň iň gowy ýabany suraty Keniýadaky Nanýuki Ol Pejeta goraghanasynda düşürilipdir. Hektor Astorganyň suratynda üç sany ak kerki görmek bolýar. Endi Parkinsonyň «Lal guwlar» atly suraty guşuň iň gowy suraty hökmünde saýlanypdyr. Guşuň bu görnüşi Angliýanyň Derbşir graflygyndaky Kriç obasynda surata alnypdyr. Suratda bir guw bilen onuň üstünde oturan jüýjesi bar. Denni Sepkowskiniň Gawainiň Oahu sebitinde düşüren tolkunyň suraty «Iň gowy umman manzary» ugrundan birinji bolupdyr. «Tebigatdaky sungat» ugrundan Çeh Respublikasyndan Petr Bambusek ýeňiji bolupdyr. Konteýneriň içinden seredýän aýynyň suratyny düşüren 18 ýaşly Meline Ellwanger iň ýaş suratçy saýlanypdyr.



Şeýle hem «Açyk howa», «Serhetde», «Gorag hekaýaty» ýaly dürli ugurlardan ýeňijiler yglan edildi.

**Alişahymerdan KERIMBERDIÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Dekabr aýynyň 22-si, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-113046
Belgisi: 51/1565
Tiražy: 8318
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

## ZEHINLI AÝDYMÇYLARYŇ ARZUWY

Eziz Diýarymyz toýdur baýramlara, şanly wakalara, aýdym-sazlara beslenýär. Milli medeniýetimiziň, aýdym-saz sungatymyzyň hak howandary Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde bu ugurda il-ýurt ähmiýetli beýik işler durmuşa geçirilýär. Ösüşlerden-ösüşlere barýan ýurdumyzda aýdym-saz sungatymyz, milli medeniýetimiz ýokary derejede ösýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzda milli medeniýetimiziň, aýdym-saz sungatymyzyň belent derejelere göterilýändigini guwanç bilen nygtasymyz gelýär. Ýurdumyzyň ähli ýerinde medeni-köpçülikleýin çäreleriň, aýdym-saz sungatymyzyň giňden ýaýbaňlandyrylmagyna ýol açylmagynyň hakyky zehinleriň ýüze çykmagyna ýardam berýändigini buýsanç bilen bellemek bolar.

Häzirki wagtda ýaş estrada aýdymçy ýaşlarymyzy ýüze çykarmak maksady bilen giňden badalga berlen medeni-köpçülik çärelerinde, baýramlarda öňe saýlanyp, halkyň gyzgyn söýgüsini gazanan ýaşlarymyz kemala gelýär. Olar özleriniň mahmal owazlary bilen şirinden-şirin aýdymlary ýerine ýetirýärler.

Ýakynda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň, Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň, Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň bilelikde guramagynda «Ýylyň parlak ýyldyzy» atly aýdym-sazly döredijilik bäsleşigi geçirildi. Oňa aýdym-sazly bäsleşigiň welaýat derejesinde geçirilen jemleýji tapgyryna teleradio diňleýjilerden köp sms alan zehinli aýdymçylaryň birnäçesi gatnaşdy.



Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşiniň, Medeniýet ministrliginiň hem-de Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň bilelikde her ýylda guraýan bäsleşigine ýurdumyzyň ähli welaýatlaryndan, Aşgabat we Arkadag şäherlerinden 17–35 ýaş aralygyndaky zehinli ýaşlar gatnaşdylar.

Bäsleşigiň jemleýji tapgyrynda aýdymçylarymyza halypalar gymmatly maslahatlaryny berdiler. Bäsleşigiň ýeňijisi bolan Bahar Annaýewa «Ýylyň parlak ýyldyzy» adyna mynasyp boldy. Oňa göçme kubok hem-de sowgat gowşuryldy.

Baş baýrakdan başga-da, bäsleşikde birinji, ikinji we üçünji orunlar göz öňünde tutuldy. Annaberdi Orazmämmedow birinji, Şatlyk Gurbannazarow ikinji, Perhat Öräýew üçünji orunlara mynasyp boldular. Baýrakly orunlary eýelänleriň ählisine degişli diplomlar hem-de ýadygärlik sowgatlar gowşuryldy.

**Daýanç MÄTIÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## DILLERIŇ ÄHMIÝETI

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda ähli ugurlarda döwrebap özgertmeler durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzda bilim ulgamyny has-da kämilleşdirmek, bilim edaralarynda berilýän bilimiň hilini dünýä derejesine laýyklykda ýola goýmak, ýokary hilli okuw kitaplaryny we gollanmalary neşir etmek, täze tehnologiýalary, okuw-tehniki enjamlary bilim ulgamyna ornaşdyrmak ugrunda netijeli işler alnyp barylýar.**

**Ýurdumyzda daşary ýurt dillerini okatmagyň netijeleriniň häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelmegi üçin «Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasy» kabul edildi. Bu Konsepsiýada göz öňünde tutulan çäreleriň hatarynda diňe bir öz dilimizi öwrenmek däl-de, dünýä dillerini öwrenmek meselesi hem örän aýdyňlygy bilen ýüze çykýar. Hut şunuň özi hem hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň okuw mekdeplerinde daşary ýurt dilleriniň okadylyşyny kämilleşdirmek, bilim ulgamynyň ähli basgançaklarynda bitewi bilim gurşawyny döretmek boýunça alyp barýan döwlet syýasatynyň aýdyň görkezijisidir.**

**Ýurdumyzyň eşretli geljegini nazarlaýan oňyn başlangyçlaryň milli bilim ulgamyna gönükdirilmegi ýaş**



**nesliň bilimli, sagdyn aň-düşünjeli, akylly-paýhasly kemala gelmeginde uly ähmiýete eýedir. Sanly bilim ulgamynyň öňde goýýan wezipeleriniň durmuşa geçirilmegi okuw işinde birnäçe ýeňillikleri döredip, işiň netijeliligini artdyrýar. Ulanylýan elektron serişdeler, wideoşekiller we audioýazgylar ýaşlara has giň möçberdäki maglumaty kabul etmäge hem peýdalanmaga, şunlukda, dünýä ösüşi bilen deň gadam urmaga ýardam edýär. Döwletimiz tarapyndan bilim bermegiň ähli basgançaklary ýokary hilli elektron maglumatlar, sanly tehnologiýalar, akylly enjamlar bilen doly üpjün edilýär. Bu bolsa ýaşlara bilim berlişiniň hilini ýokarlandyryp, ony dünýä derejesine ýetirmäge şert döredýär.**

**Mundan başga-da, daşary ýurt dilleri öwrenilende şeýle yzygiderlilik bar. Iki dil bilýän adam üçin şol diller maşgalasyndan, başga dili öwrenmek ýeňil düşýär. Mysal üçin, iňlis dilini bilýän adama roman-german dilleri maşgalasyndan bolan beýleki islendik dili öwrenmek aňsat bolýar. Sebäbi, bir dil maşgalasyndan bolan dillerde umumylyk köp bolýar. Sözlük düzüminde, harplaryň aýdylyşynda ýa-da sözlem gurluşynda birmeňzeşlik bolýar. Bu bolsa başga dil öwrenýän adama ýeňillik döredýär. Öwrenilýän dilde umumylyk tapmak bilen dil öwrenmek ýeňilleşýär we tizleşýär.**

**Maral ANNAŞOWA,**
***Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň uly mugallymy.***

## Ynsan saglygy – jemgyýetiň iň ýokary gymmatlygy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Keselleri anyklamak, bejermek, öňüni almak boýunça öňdebaryjy usullary we innowasion tejribeleri işe ornaşdyrmak, ynsan ömrüniň dowamlylygyny uzaltmak, elýeterli hem-de ýokary hilli lukmançylyk hyzmatlaryny üpjün etmek babatda oňat netijeler gazanyldy. Bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmekde dünýä bileleşigi, aýratyn-da, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy (BSGG) tarapyndan ykrar edilen nusgalyk işler amala aşyryldy.

Golaýda geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde bilim, saglygy goraýyş we sport ulgamlaryna gözegçilik edýän wise-premýer BMG-niň ýöriteleşdirilen düzümleri tarapyndan Türkmenistana saglygy goraýyş ulgamynda gazanylan üstünlikleri üçin berlen güwänamalar barada hasabat berdi we döwlet Baştutanymyzy halkara ähmiýetli bu hoş habarlar bilen gutlady. Bellenilişi ýaly, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanyň alyp barýan daşary syýasy strategiýasy esasynda dünýä döwletleri, halkara we sebit guramalary bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça giň gerimli işler amala aşyrylýar.

Abraýly halkara guramalar, hususan-da, BMG we onuň ýöriteleşdirilen düzümleri – Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy, Çagalar gaznasy, Ilat gaznasy, şeýle hem iri lukmançylyk edaralary we ylmy-barlag merkezleri bilen gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmaga uly ähmiýet berilýär.

BMG-niň Ösüş maksatnamasy tarapyndan «Türkmenistanyň Hökümetiniň hemmeler üçin ýokary hilli dermanlara elýeterliligi, lukmançylyk hyzmatlarynyň yzygiderliligini we hilini üpjün etmek arkaly saglygy goraýşyň hyzmatlarynyň ählumumy gurşawynyň ýolunda ösüşi çaltlandyrmak boýunça möhüm tagallalary üçin» atly güwänamasy, BSGG-niň Supramilli referens barlaghanasynyň (Gauting, GFR) degişli güwänamalary bar. Täze güwänamalaryň berilmegi milli saglygy goraýyş ulgamynyň abraýynyň barha belende galýandygynyň hem-de hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda halkymyzyň saglygyny goramak, keselleriň öňüni almak boýunça alnyp barylýan nusgalyk işe ýokary baha berilýändiginiň aýdyň mysalydyr. Döwlet Baştutanymyz saglygy goraýyş ulgamynda gazanylan üstünlikler üçin ýurdumyza Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen düzümleriniň güwänamalaryny 27-nji dekabrda geçiriljek ýaşlar forumynda gowşurmagy tabşyrdy.

Ýurdumyzda saglygy goraýyş ulgamynda uly üstünlikler gazanylýar. Bu bolsa ýurdumyzda yn-



san saglygyny goramak bilen bagly işleriň hemişe üns merkezinde durýandygynyň aýdyň subutnamasy bolmak bilen, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bu ugurdaky ýadawsyz aladalarynyň miwesidir.

**Kümüş ALLABAÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

## Ylymly ýaşlar – ýurdumyzyň geljegi

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Türkmen ýaşlary halkara derejeli ýaryşlarda, dürli ugurlar boýunça olimpiadalarda üstünlikli çykyş edip, ýurdumyzyň at-abraýyny has-da belende göterýärler. Munuň özi ýaşlaryň sazlaşykly ösüşi, watansöýüjilik



ruhunda terbiýelenmegi, ýokary hilli bilim almagy, bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmagy ýaly wajyp meselelere döwletimiz tarapyndan möhüm ähmiýet berilýändiginiň aýdyň güwäsidir.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde eden çykyşynda häzirki wagtda ýurdumyzyň ilatynyň esasy bölegini Garaşsyzlyk ýyllarynda kemala gelen nesilleriň düzýändigini bellemek bilen, olara berkarar Watanymyzyň geljegini gurujylar hökmünde garalýandygyny aýdyp: «Eziz Diýarymyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmak, aň-bilim ösüşini üpjün etmek, syýasy-jemgyýetçilik durmuşyny kämilleşdirmek, ilkinji nobatda, şu nesilleriň taýýarlygyna baglydyr» diýip belledi we bu ugurda täze başlangyçlary öňe sürdi.

Hormatly Prezidentimiziň durmuş-ykdysady ugurlara innowasiýalary we ýokary tehnologiýalary ornaşdyrmak hakyndaky tagallalarynyň düýp özeninde ýaş nesle bolan beýik ynam, halkymyzyň bagtyýar durmuşynyň dowamat-dowam bolmagy ugrundaky beýik maksatlary bar. Bu gün jemgyýetimizde ýaş nesliň eziz Watanymyzyň ygtybarly eýeleri bolup ýetişmekleri ugrunda alnyp barylýan okuw-terbiýeçilik işleriniň möçberi her birimizi begendirýär, guwandyrýar. Çünki hormatly Prezidentimiziň geljegi nazarlaýan ösüş ugrunda bilimli, terbiýeli ýaşlary, kämil hünärmenleri ýetişdirmek baş wezipeleriň hatarynda durýar.

Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda halkara ýaşlar hyzmatdaşlygyny ösdürmek boýunça alnyp barylýan işlere aýratyn üns berilýär. Çünki ýaşlar bilen bagly wezipeler döwlet syýasatymyzyň esasy ugurlarynyň hatarynda kesgitlenildi, munuň şeýledigine kabul edilen birnäçe maksatnamalar, asylly başlangyçlar hem aýdyň şaýatlyk edýär. Şeýle hem bilim ulgamynda öňdebaryjy tejribäni alyşmak maksady bilen, abraýly halkara guramalar, şol sanda BMG, Ýewropa Bileleşigi, GDA bilen bu ulgamda hyzmatdaşlyk işjeňleşdirilýär.

Türkmen ýaşlary diňe döwrebap bilim almak bilen çäklenmän, eýsem, sport ulgamynda hem uly üstünlikler gazanýarlar. Ýurdumyzyň türgenleri ýylyň başyndan bäri dürli halkara sport ýaryşlaryna gatnaşyp, ýurdumyzyň abraýyny täze derejelere çykardylar.

**Söhbet GURBANALYÝEW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň fakultet terapiýasy kafedrasynyň assistenti.*

## Nusgawy şahyryň eserleri – beýik taglymat

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Täze – 2024-nji ýylyň bosagasynda duran halkymyz öňümizdäki ýylda nusgawy şahyr Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllyk ýubileýini geçirmäge taýýarlyk görýär. Ýurdumyzda bu çäräni halkara derejesinde geçirmek üçin şu günlerden giň gerimli işler alnyp barylýar. Häzirki wagtda şahyryň goşgulary daşary ýurt dillerine terjime edilip, dünýäniň dürli ýurtlarynda tanyşdyrylyş dabaralary geçirilýär.

Golaýda Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Berlin şäherinde Magtymguly Pyragynyň nemes diline terjime edilen goşgular ýygyndysynyň tanyşdyrylyş dabarasy hem-de «Magtymgulynyň şygryýetiniň ýewropaly alymlar tarapyndan öwrenilişi» atly halkara ylmy maslahat geçirildi. Gündogar edebiýatynyň görnükli wekili, söz ussady, akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň nemes diline terjime edilen goşgular ýygyndysy «Ylym» neşirýaty tarapyndan çap edilipdir. Neşirde şahyryň 130-dan gowrak goşgulary ýerleşdirilip, ýygynda girizilen goşgular Granada uniwersitetiniň professory Helga Kors Kegel bilen onuň ogly Alehandra Munýoz Kors tarapyndan terjime edilipdir. Şahyryň nemes diline terjime edilen goşgulary Barbara Kellner-Heinkele bilen Gülşen Sahatowa tarapyndan redaktirlenipdir.

Magtymguly Pyragynyň şygyrlary diňe bir halkymyzyň edebi mirasy bolman, eýsem, tutuş Gündogar edebiýatynyň ösmegine hem oňyn täsir edýär. Şahyryň çuňňur pähim-paýhasa ýugrulyp, köňüllerde ýer eden şygyrlary senaly dillerde aýdym bolup ýaňlanýar.

Türkmenistanyň Hindistandaky ilçihanasynda hem Magtymguly Pyragynyň hindi dilindäki goşgular ýygyndysy tanyşdyryldy. Täze kitabyň tanyşdyrylyş dabarasy «Magtymguly Pyragy we Gündogaryň ruhy hem-de medeni dünýäsi» atly ylmy-medeni maslahatyň çäginde guraldy. Bu çäre «Hindistan – Merkezi Aziýa» gaznasynyň, şeýle hem Nýu-Delidäki Hindi halkara merkeziniň ýakyndan goldaw bermeginde geçirildi.

Şeýle-de, Türkmenistanyň Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen Patyşalygyndaky ilçihanasy tarapyndan Gündogaryň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň ömrüne we döredijiligine bagyşlanan edebi agşam geçirildi.

Mundan başga-da, akyldar şahyryň goşgulary beýleki daşary ýurt dillerine, şol sanda Merkezi Aziýa halklarynyň dillerine hem terjime edildi.

Şahyryň şygyrlar diwanyny okanyňda, nähilidir bir ruhy güýç içine çekip, ondan bir pursat hem aýrylyp bilmeýärsiň. Gahryman Arkadagymyzyň jöwher paýhasyndan dörän «Pähim paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly ajaýyp goşgusy bolsa akyldar şahyra goýulýan çuňňur sarpanyň ýene bir aýdyň subutnamasydyr. Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, ady äleme dolan ussadyň sözleri we pelsepewi pikirleri türkmen edebiýatynyň şöhratyny hem-de watançylyk ruhuny belende galdyryp, dünýä medeniýetiniň genji-hazynasyna öwürdi.

Akyldar şahyryň eserlerini okamak ýaşlarda



watançylyk duýgusyny ösdürýär. Çünki nusgawy şahyrymyz parasatly setirleriň üsti bilen çuňňur many-mazmuny açyp görkezmegi, paýhasly setirleriň üsti bilen umman ýaly giň, daglar ýaly belent pikirleri beýan etmegi ussatlyk bilen başarypdyr. Bu eserleri okan ýaşlar özleriniň söz baýlyklaryny artdyrýarlar, durmuş baradaky düşünjelerini giňeldýärler. Bu bolsa olaryň kämil şahsyýetler bolup ýetişmegine getirýär.

**Gülşat ATAMYRADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

## Änew – medeni paýtagt

Änew şäheri diňe taryhy bilen däl, şu günki ajaýyp keşbi bilen hem hemmeleriň ünsüni özüne çekýär. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň amala aşyrýan pähim-paýhasly başlangyçlary netijesinde Änew şäheri ýurdumyzyň iň ýokary depginli ösýän we günsaýyn özgerýän merkezleriniň birine öwrüldi.

Häzirki zaman Änew şäheri özboluşly binagärlik keşbi bilen haýran galdyrýar. Ýokary amat-



lykly ýaşaýyş jaýlary, kottej toplumlary, giň köçeler, durmuş maksatly dürli desgalar, mahlasy, bu ýerde döwrebap ýaşaýşyň ýokary derejesine laýyk gelýän ähli mümkinçilikler bar. Taryhy görnüş bilen döwrebap keşbiň sazlaşygyny göresi gelýänler Änew şäherine syýahat edip bilerler.

2024-nji ýylda gadymy Änew şäherinde dürli dabaralar we çäreler geçiriler. Halkara ylmy maslahat, halkara ýaşlar forumy, halkara festiwallar, maslahatlar, sergiler, halkara kinofestiwal, Änew şäheriniň «Türki dünýäniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli geçirilen çäreleri jemlemek dabarasy, TÜRKSOÝ guramasyna agza döwletleriň medeniýet ministrleriniň hemişelik geňeşiniň nobatdaky mejlisi we başga-da köp sanly çäreler ýylyň şanyny, dabarasyny, gadymy şäheriň at-abraýyny has-da beýgelder.

Türkmenistanyň Änew şäheriniň geljek ýylda «Türki dünýäniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi bilen baglanyşykly bu gadymy şähere berlen göçme kubogyň gowşurylyş dabarasy şatlyk-şowhuna beslendi.

Mälim bolşy ýaly, Änew şäherini 2024-nji ýylda «Türki dünýäniň medeni paýtagty» diýip yglan etmek boýunça degişli çözgüt geçen ýylyň 5-nji noýabrynda Türkiýe Respublikasynyň Bursa şäherinde geçirilen Türki medeniýetiň halkara guramasyna (TÜRKSOÝ) agza döwletleriň medeniýet ministrleriniň hemişelik geňeşiniň nobatdaky mejlisinde kabul edilipdi. Şonuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz şu ýylyň 4-nji ýanwarynda sanly ulgam arkaly geçiren Ministrler Kabinetiniň 2023-nji ýyldaky ilkinji mejlisiniň barşynda Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli dabaralary we çäreleri guramaçylykly geçirmek maksady bilen degişli resminama gol çekdi, şonuň esasynda guramaçylyk topary döredilip, onuň düzümi, şeýle-de geçiriljek dabaralardyr çäreleriň Meýilnamasy tassyklandy.

Ahal welaýatynyň, şol sanda Ak bugdaý etrabynyň dolandyryş merkezi bolup durýan Änew şäheriniň keşbinde täze döwrüň döredijilik ruhy aýdyň duýulýar. Şäherde «Galkynyş», «Türkmenistan», «Rowaçlyk» ýaly döwrebap ýaşaýyş jaýlaryny öz içine alýan täze toplumlar emele geldi. Dürli maksatly desgalar bina edildi. Olaryň hatarynda döwrebap medeniýet öýüni, 3 müň tomaşaçy orunlyk sport toplumyny, 350 orunlyk sport mekdebini, «Buýsanç» çagalar dünýäsi» seýilgähini, döwrebap orta mekdepleriň we çagalar baglarynyň binalaryny agzamak bolar.

Änew şäheriniň çäginde Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalaryna degişli önümçilik kärhanalarynyň, şeýle-de özümizde öndürilýän we daşary ýurtlardan getirilýän harytlar saklanýan ammarlar merkeziniň ýerleşýändigini bellemek gerek. Şäheriň çägindäki senagat zolagyndaky mebel önümçilik toplumynyň, «Duýgy», «Bars», «Datmeni» ýaly nyşanly konditer önümlerini, «Bakjam» nyşanly buzgaýmaklary, «Nur» nyşanly maýonezleri, pomidor üwmejidir beýleki gaplama önümlerini, «Täç hil» nyşanly çygly süpürgiçlerdir gap-gaç ýuwujy serişdeleri, «Tomus» nyşanly çörek we çörek önümlerini öndürýän hususy kärhanalaryň önümleri daşarky bazarda hem uly gyzyklanma eýedir.

Änew şäheri ilkinji suwarymly ekerançylygyň we ak bugdaýyň asyl mekany hökmünde uly meşhurlyga, şan-şöhrata eýedir. 1904-nji ýylda R.Pampelliniň ýolbaşçylygynda amerikan ekspedisiýasy tarapyndan Änew düzlüginden tapylan, bäş müň ýyl mundan ozal ýetişdirilen bugdaý tohumy hem bu taryhy hakykaty äşgär edýär. Şol tohumyň bu gün Änew şäheriniň keşbine özboluşly öwüşgin çaýýan Türkmenistanyň Milli «Ak bugdaý» muzeýinde saklanýandygy guwandyryjy hakykatdyr.

**Akjemal ALLAMYRADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## TÄZE ÝYL — TÄZELENIŞIŇ WE JOŞGUNYŇ BAÝRAMY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

**Bu söwda nokatlarynda Dokma senagaty ministrliginiň dokma toplumlarynda öndürilen ýumşak oýnawaçlar, dokma sowgatlyklar, türkmen telekeçileri tarapyndan öndürilen köp görnüşli azyk önümleri, dürli ölçegli gaplara gaplanan özboluşly sowgatlyklar gözüňi dokundyrýar. Olaryň ýokary hilli, bahasynyň bolsa amatly bolmagy bu ýerlere gelýän alyjylaryň baýramçylyk duýgularyny has-da goşalandyrýar.**

**Aýdyň geljegimiziň eýeleri bolan körpeleriň Aýazbabadyr Garpamyga sabyrsyzlyk bilen garaşyp, olara köňüllerinde beslän arzuwly hatlaryny ýollamagy, dürli öwüşginli oýnawaçlar bilen birkemsiz bezelen arçanyň töwereginde goşgudyr aýdymlary aýdyp, el tutuşyp aýlanmaklary bu baýramçylygyň iň arzyly pursatlaryny özünde jemleýän özboluşly nyşanydyr. Bagtyýar çagalaryň ýylboýy garaşan Aýazbaba bilen Garpamygy alys ýurtlardan aşyp, ajaýyp bezelen paýtunynda paýtagtymyzyň «Älem» medeni-dynç alyş merkezindäki ýurdumyzyň Baş arçasynyň daşynda geçirilen baýramçylyk dabaralaryna gatnaşdy. Şeýlelikde, Aýazbaba bu ýere ýygnananlary Täze ýyl baýramy bilen mähirli gutlap, Täze ýyl arçasynyň yşyklaryny ýakdy. Şol pursat bag-**



**tyýar çagalaryň şadyýan gülküsi daş-töweregi gurşap aldy. Aýazbaba hem-de Garpamyk körpeler bilen gol tutuşyp, çar ýana ýalkym saçyp duran Baş arçanyň daşyndan aýlandylar, Täze ýyl baýramyny wasp edýän aýdymlary aýtdylar we tans edip şatlandylar. Baýramçylyk şowhunyny belende göteren dabara oňa gatnaşyjylarda ýatdan çykmajak ýakymly pursatlary galdyrdy.**

**Dürli-dürli bezeg we yşyklandyryjy serişdeleriň müň dürli görnüşleri bilen bezelip, şugla saçýan owadan Täze ýyl arçasynyň ýanynda şowhunly çäreleri geçirmäge hem-de bu ýerde surata düşmäge türkmen paýtagtynyň köp sanly ýaşaýjylary we myhmanlary gelýärler. Täze ýyl baýramynyň şatlyk-şagalaňy halkymyzyň ajaýyp üstünlikleriniň, bagtyýar durmuşynyň, röwşen geljeginiň alamaty bolup, kalplara ýalkym saçýar. Ýürekleri joşgunly, ýüzleri şatlykly ildeşlerimiz, ata Watanymyzyň baýramçylyk keşbi, ajaýyp güllerden boglan sowgat çemeni mysaly gözüňi dokundyrýan Täze ýyl arçalary, olaryň töweregine dolan adamlary gurşap alan agzybirlik kalbyňda ýakymly duýgulary döredýär.**

**Goý, ýetip gelýän Täze – 2024-nji ýyl hem Watanymyz we halkymyz üçin parahatçylygyň, rowaçlygyň, abadançylygyň we uly üstünlikleriň ýyly bolsun!**

**Ogulsapar MUHAMMETOWA,**
***Türkmen döwlet medeniýet we sungat mekdebiniň kitaphanaçylyk işiniň hünärmeni.***

## KITAPHANA — KÄMILLIGIŇ GÖZBAŞY

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen Arkadag şäherinde açylyp, ulanmaga berlen Döwletmämmet Azadynyň adyny göterýän döwrebap kitaphananyň açylmagy ähli türkmen halkyny, şeýle-de kitaphanaçylary has-da begendirdi.

Kitabyň çagalykdan edep-terbiýe bermekde ähmiýeti uludyr, hut şu nukdaýnazardan kitaphanalar jemgyýetçilik durmuşymyzda möhüm orun eýeleýär. Ýurdumyzda ylym, bilim, medeniýet ulgamynda amala aşyrylýan özgertmeleriň netijesinde gazanylýan üstünlikler kitaphana işine oňyn täsirini ýetirýär we olaryň işiniň yzygiderli ösdürilmegini şertlendirýär. Tehnologiýalaryň ösmegi bilen, elektron kitaphanalar jemgyýetde uly meşhurlyga eýe bolýar. Şeýle kitaphanalar maglumat bermek hyzmatlaryny artdyrmaga, dürli neşirlere, şol sanda seýrek kitaplara hem elýeterliligi üpjün etmäge ýardam edýär. Elektron sanaw ýurdumyzyň tutuş kitap gaznalaryny öz içine alýar. Elektron kitaphanasynyň bolmagy sanly görnüşe geçirilen ýazgylardan peýdalanmaga, kitaplaryň elektron görnüşlerini almaga şert döredýär. Bu kitaphanada türkmen, rus, iňlis we beýleki dillerde çagalar, çeper, ylmy we beýleki ýöriteleşdirilen edebiýatlar bar. Maglumatlaryň umumy elektron binýady paýtagtymy-



zyň we ýurdumyzyň welaýatlarynyň merkezi kitaphanalaryny birleşdirýär. Okyjylar ýurdumyzyň islendik künjeginde olaryň arhiwlerinden peýdalanyp bilýärler.

Garaşsyz, baky Bitarap Diýarymyzda bilimiň ähli derejeleri üçin zerur bolan elektron maglumatlar gory, elektron kitaphanalar yzygiderli döredilýär we baýlaşdyrylýar. Elektron kitaphanalar pudaklary sanlylaşdyrmakda alnyp barylýan işlerde düýpli özgertmeleri we döwrebap ösüşleri üpjün edýär. Innowasion tehnologiýalar täze pudaklaryň döremegini, ösmegini çaltlandyrmak bilen bir hatarda gündelik durmuşda hem möhüm ähmiýete eýe bolup durýar. Şoňa laýyklykda, ylmyň esasy daýanjy bolan kitaphana işini döwrebaplaşdyrmak ýaşlary okatmagyň, ylma çekmegiň netijeliligini artdyrýar.

Kitaphana ýurdumyzyň medeni-bilim babatda ýeten derejesiniň, ilatyň paýhas ösüşiniň görkezijisidir. Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» atly kitabynda belleýşi ýaly, ýurdumyzyň çäginde göçme kitaphanalar bilen bilelikde, Nusaýyň, Köneürgenjiň, Amulyň, Dehistanyň we Gadymy Merwiň iri kitaphanalary hereket edipdir. Altyndan we kümüşden gymmatly saýylan kitaplardan ýüklenen kerwenler özleri bilen täze ylymlary we oňyn ýörelgeleri dünýä ýaýradypdyr.

**Jahan GULHANOWA,**
*Aşgabat şäheriniň medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Nury Baýramow adyndaky kitaphana şahamçasynyň müdiri.*

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

## DÜNÝÄ HABARLARY
gysga setirlerde

▶ **2024-nji ýylyň reňki.** Pantone reňk instituty şetdaly üpürjigine meňzeş bolan mämişi-



gülgün reňki (13-1023 Peach Fuzz) 2024-nji ýylyň reňki hökmünde saýlady. – Bu reňk duýgudaşlygy we jebisligi aňladyp, garaýyşlara täzeden baha bermäge ruhlandyrýar. Bu reňkiň kömegi bilen biz rahatlyk tapyp bileris – diýip, institutda bellediler.

▶ **Şu ýylyň ieroglif nyşany.** Ýaponiýada «dzeý», ýagny «salgyt» manysyny berýän ieroglif



2023-nji ýylyň nyşany hökmünde saýlandy. Şunuň ýaly bäsleşik ýurtda her ýyl geçirilýär. Ony ýurduň ieroglif sowatlylygy barlamak boýunça assosiasiýasy guraýar. Ieroglif yglan edilýänçä gizlin saklanýar.

▶ **COP29 Azerbaýjanda geçiriler.** BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly kon-



wensiýasynyň dolandyryş edarasy bolan Taraplaryň konferensiýasy indiki COP29 sammitiniň Azerbaýjanda geçirilmegini tassyklady. Bu karar 30-njy noýabrdan 12-nji dekabr aralygynda Dubaýda geçirilen maslahatyň bäşinji mejlisinde tassyklandy.

▶ **Milliarderleriň täze merkezi.** BAE-niň paýtagty Abu-Dabi dünýäniň dürli künjekle-



rinden bolan milliarderleriň arasynda barha meşhurlyk gazanýar. Maglumatlara görä, häzir «Abu Dhabi Global Market» erkin zolagynda we maliýe merkezinde kompaniýalaryň 5 müňüsi işleýär. 2016-njy ýylda olaryň sany bary-ýogy 46 sanydy.

▶ **Iň gaty material döredildi.** Şotlandiýadan, Germaniýadan we Şwesiýadan bolan



halkara alymlar topary ýokary derejede berk materiallary döretmekde öňegidişlik gazandylar. Olar gatylygy boýunça diňe almazdan pes oturýan uglerod nitridini aldylar. Täze materialyň senagat maksatlary bilen ulanyljakdygy habar berilýär.

▶ **Gruziýa dalaşgärlik derejesi berildi.** Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşiniň başlygy Şarl Mişel X



sosial ulgamynda Ýewropa Bileleşiginiň Gruziýa dalaşgär derejesini bermek kararyna gelendigini we Ýewropa Bileleşigine girmek barada Ukraina hem-de Moldowa bilen gepleşiklere başlamagy meýilleşdirýändigini habar berdi.

▶ **«Mercedes-Benz» gökdirän gurar.** Awtoulag kompaniýasy «Mercedes-Benz» we



arap dewoleperi «Binghatti Properties» bilelikdäki taslamasyny mälim etdi. «Mercedes-Benz Places» diýlip atlandyryljak bu gökdiräniň boýy 341 metr bolup, 65 gatdan ybarat bolar. Gökdirän 2026-njy ýylda ulanmaga berler.

▶ **Pikiri okaýan emeli aň.** Sidneýiň tehnologiýa uniwersitetiniň alymlary adam pikirlerini



okap, olary tekste öwürmäge ukyply «BrainGPT» atly synag ulgamyny tanyşdyrdylar. «Mysal üçin,«salam» diýmek isläniňizde beýniňiz belli bir signal iberýär. «DeWave» bolsa, bu signallaryň «salam» sözi bilen baglanyşyklydygyny bilip, tekste öwürýär.

▶ **Ruly saklaman 130 kilometr ýol geçdi.** Albertanyň (Kanada) ýaşaýjysy Robert Mýurreý



welosipedde iň uzak aralygy geçmek boýunça Ginnesiň täze rekordyny goýdy. Ol elleri bilen ruly saklamazdan 5 sagat 37 minutda 130,3 kilometr ýol geçdi. Mýurreý rekord synanyşygynda aýaklary ýadanda olary elleri bilen massaž edendigini aýtdy.

▶ **Diananyň köýnegi satyldy.** Şazada Diananyň 1985-nji ýylda geýen köýnegi auksion-



da 1,14 million dollara satyldy. Bu baha moda pudagynda rekord dereje bolup, çak edilen bahadan 11 esse ýokarydyr. Diana gara mahmaldan tikilen köýnegini ilkinji gezek 1985-nji ýylda ýanýoldaşy şazada Çarlz bilen Italiýa gezelenje gidende geýipdir.

## TARYHDA ŞU GÜN

■ **1898-nji ýylyň 22-nji ýanwarynda sowet režissýory Sergeý Eýzenşteýn dünýä inýär. Ol 1924-nji ýylda ilkinji filmini döredýär. Eýzenşteýn 1925-nji ýylda «Bronenoses Potýomkin» atly ikinji filmi bilen bütin dünýäde tanalýar. Bu film eýýäm 100 ýyla golaý wagt bäri dünýä kinosynyň iň meşhur 10 filminiň sanawyna girýär.**



# Abdel Fattah Al-Sisi gaýtadan saýlandy

10-12-nji dekabr aralygynda Müsürde geçirilen Prezident saýlawlarynda ýeňiş gazanan häzirki Prezident Abdel Fattah Al-Sisi ýakyn alty ýylda ýurda ýolbaşçylyk eder. Prezident saýlawlarynyň resmi netijeleri Müsüriň Milli



saýlaw topary tarapyndan mälim edildi. Döwlet Baştutany wezipesine Abdel Fattah Al-Sisi Müsüriň Sosial demokratik partiýasyndan Farid Zahran, «Täze Wafd» partiýasyndan Abdel Sanad Ýamama we Respublikan Halk partiýasyndan Hazem Omar dalaşgär boldy.

– Müsüriň daşynda we çäklerinde geçirilen umumy ses berişlige gatnaşan saýlawçylaryň 89,6%-i Abdel Fattah Al-Sisä ses berdi – diýip, milli saýlaw toparynyň başlygy Hazem Badawi aýtdy. Jemi 39 million 702 müň 451 müsürli häzirki Prezidente ses berdi. Saýlaw toparynyň maglumatlaryna görä, Prezident saýlawlaryna 67 milliondan gowrak saýlawçynyň 70%-i gatnaşdy.

– Prezident saýlawlaryna gatnaşyk ýurduň taryhynda iň ýokary derejede bolup, saýlawçylaryň 66,8%-ini emele getirdi – diýip, Badawi belledi. Müsüriň daşynda we içinde jemi 44 million 77 müň 668 saýlawçy bu syýasy çärä gatnaşdy. Milli saýlaw toparynyň başlygy, prezidentlige beýleki üç dalaşgäriň 1,9% bilen 4,5% aralygynda sese eýe bolandygyny belledi.

Abdel Fattah Al-Sisi 2014-nji ýylda saýlawçylaryň 96,91% sesine eýe bolup, Müsüriň Prezidenti boldy. 2019-njy ýylyň aprelinde Müsürde Prezidentiň möhleti dört ýyldan alty ýyla çenli uzaldyldy we şol bir wagtyň özünde ýene-de bir gezek gaýtadan saýlanmak hukugy berildi. Şeýle hem Al-Sisiniň prezidentlik ygtyýarlyklaryny 2024-nji ýyla çenli uzaldyp, üçünji möhlete gaýtadan saýlanmaga mümkinçilik berýän «geçiş maddasy» girizildi. Mundan başga-da, düzedişlere laýyklykda, döwlet Baştutanynyň ygtyýarlyklary giňeldildi: kabul edilen pursadyndan başlap, Prezident Ýokary Konstitusiýa kazysyny we Baş prokurory bellemek mümkinçiligine eýe boldy.

2023-nji ýylyň 10-12-nji dekabry aralygynda geçirilen saýlawlarda Abdel Fattah Al-Sisi üçünji gezek we ýurduň häzirki Konstitusiýasyna laýyklykda, soňky gezek dalaşgär görkezildi.

# KUWEÝTIŇ TÄZE EMIRI

**Kuweýtiň mirasdüşer şazadasy şeýh Mişal Al-Ahmad Al-Jaber Al-Sabah 16-njy dekabrda aradan çykan şeýh Nawaf Al-Ahmed Al-Jaber Al-Sabahyň ýerine täze Emir diýlip yglan edildi. Degişli beýanat Kuweýt telewideniýesinde hökümet Başlygynyň orunbasary, döwlet ministri Issa al-Kandari tarapyndan mälim edildi.**

**Kuweýtiň Konstitusiýasyna laýyklykda, Kuweýtiň täze Emiri Mişaal Al-Ahmed Al-Jaber Al-Sabah 20-nji dekabrda Milli Mejlisde kasam kabul edip, resmi taýdan ýurduň täze hökümdary boldy. Täze Emiriň mirasdüşer bellemek üçin bir ýyl möhleti bar.**

**Şeýh Nawaf üç ýyl häkimiýetde bolandan soň, 86 ýaşynda aradan çykdy. Ýurtda 40 günlük ýas yglan edilip, döwlet edaralary üç gün ýapyk boldy. 29-njy noýabrda Emiriň kanselýariýa işleri boýunça döwlet ministri Muhammet Abdullah al-Mubarek al-Sabah monarhyň keselhana ýerleşdirilendigini habar beripdi.**

**Şeýh Nawaf 2006-njy ýyldan 2020-nji ýyla çenli ýurda ýolbaşçylyk eden dogany Sabah Al-Ahmed Al-Jaber Al-Sabah aradan çykandan soň, 2020-nji ýylyň 30-njy sentýabrynda tagta çykypdy. 2006-njy ýylyň fewral aýynda Şeýh Sabahyň buýrugy bilen şeýh Nawaf mirasdüşer şazada boldy. Şeýh Nawaf 1937-nji ýylyň**



**25-nji iýunynda Kuweýtde dünýä indi. Ol 1921-1950-nji ýyllar aralygynda Kuweýtiň hökümdary bolan Şeýh Ahmed al-Jaber al-Sabahyň altynjy ogludyr. Emir Nawaf Ýakyn Gündogarda uly abraýa eýedi. Ol Kuweýtiň durmuş-ykdysady ösüşi we halkara arenasyndaky ornuny berkitmek üçin köp işler bitirdi.**

**4,2 million töweregi ilaty bolan Kuweýt nebit ätiýaçlyklary boýunça dünýäde altynjy orny eýeleýär. Bu ýurt 90-njy ýyllaryň başyndan bäri ABŞ-nyň Ýakyn Gündogardaky esasy ýaranlaryndan biridir.**

# PREMÝER-MINISTRLIGE DALAŞGÄR BOLAR

Portugaliýanyň parlamentiniň deputaty Pedro Nuno Santos Portugaliýanyň dolandyryjy Sosialistik partiýasynyň täze Baş sekretary wezipesine saýlandy. 16-njy dekabrda geçirilen ses berişlikde, ol aram dalaşgär, içeri işler ministriniň wezipesini ýerine ýetiriji Žoze Luişa Karneýrudan öňe saýlanyp, partiýa agzalarynyň 62% sesine eýe boldy.

P.N.Santos 2024-nji ýylyň 10-njy martynda geçiriljek möhletinden öňki parlament saýlawlarynda Sosialistik partiýa tarapyndan Premýer-ministrlige dalaşgär bolar. Häzirki wagtda sosialistler Portugaliýanyň mejlisinde köplük bolup durýar.

– Sosialistik partiýa Portugaliýadaky iň uly syýasy partiýa bolupdy we şeýle bolmagynda hem



galar – diýip, P.N.Santos partiýa agzalarynyň öňünde eden çykyşynda aýtdy.

P.N.Santos hünäri boýunça ykdysatçy. Ol 2019-njy ýyldan 2022-nji ýyla çenli Portugaliýanyň infrastruktura we ýaşaýyş jaý gurluşygy ministri bolup işledi. Sosialistik partiýanyň täze ýolbaşçysyny saýlamak prosesi 7-nji noýabrda Antoniu Koşta Premýer-ministr wezipesinden çekilenden soň başlandy.

Portugaliýanyň Prezidenti Marselu Rebelu de Souza Premýer-ministriň işinden çekilmegini kabul etdi we parlamenti ýatyryp, ýurduň ýokary kanun çykaryjy edarasyna möhletinden öň saýlawlary geçirmegi tabşyrdy. Dekabr aýynyň başynda ýurduň býujeti kabul edilenden soň, Antoniu Koşta wezipesinden çekilýändigi barada resmi mälim etdi. Ýöne Koşta mart aýynda geçiriljek saýlawlaryň netijeleri belli bolýança Premýer-ministr wezipesinde galar. 2015-nji ýylda häkimiýete gelen Antoniu Koşta birnäçe ykdysady özgerişlikleri amala aşyryp, ilatyň pensiýa we zähmet haklaryny artdyrypdy.

10 milliondan gowrak ilatly Portugaliýa Respublikasy Pireneý ýarym adasynyň günorta-günbatar böleginde ýerleşýän kontinental Ýewropanyň iň günbatar döwletidir. Demirgazykda we gündogarda Ispaniýa bilen serhetleşýär, günortada we günbatarda Atlantik ummany bilen ýuwulýar. Portugaliýa dünýäniň ösen ýurtlarynyň biri bolup, 1910-njy ýyldan bäri unitar döwletdir. Ýurt 1986-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan bäri Ýewropa Bileleşiginiň agzasy bolup, Şengen we ýewro sebitinde ýerleşýär.

# DOLANDYRYJY PARTIÝA BILELEŞIGINIŇ ÝEŇŞI

17-nji dekabrda Serbiýada geçirilen parlament saýlawlarynda «Serbiýa säginmeli däl» bileleşigi, sesleriň 90%-den gowragy sanalandan soň parlament saýlawlarynda



öňdeligi eýeledi. Bu barada ýurduň saýlaw topary habar berdi.

Häkimiýet başyndaky dolandyryjy bileleşigiň 47,21% ses alyp, uly artykmaçlyk bilen garşydaş bileleşikden öňe saýlanandygy belli boldy. Şeýlelikde, «Serbiýa zuluma garşy» atly garşydaş bileleşigi 22,9% bilen ikinji orny, «Iwisa Daçiç – Serbiýanyň Premýer-ministri» bileleşigi 6,67% ses bilen üçünji orny eýeledi.

Mundan öň Aleksandr Wuçiç «Serbiýa säginmeli däl» bileleşiginiň parlamentdäki orunlaryň aglaba köplügini eýeläp, parlamentdäki 250 orundan 127-sine eýe boljakdygyny öňe sürüpdi. Nobatdan daşary parlament we ýerli saýlawlaryň barşynda Serbiýanyň raýatlary dört ýyl möhlet bilen Halk mejlisiniň (bir palataly) 250 wekilini, şeýle hem 65 şäherdäki öz wekillerini saýlady. Saýlawlara ses bermäge hukugy bolan 6,5 milliondan gowrak adam gatnaşdy.

Serbiýa günorta-gündogar Ýewropada, Balkan ýarym adasynyň merkezi böleginde we az-kem Pannoniýa sähralygynda ýerleşýän, deňze çykalgasy bolmadyk ýurtdur. Ýurt 2000-nji ýyldan bäri BMG-niň agzasy, 2012-nji ýylyň 1-nji martynda resmi taýdan Ýewropa Bileleşigine agza bolmak üçin dalaşgär derejesini aldy. Ýurduň ilaty 6 milliondan geçýär.





# DEŇIZ SUWUNDAN URAN ALAR

Hytaýyň Çançun şäherindäki Demirgazyk-gündogar uniwersitetiniň alymlary deňiz suwundan uran almagyň usulyny oýlap tapdylar. Bu baradaky barlaglar «ACS Central Science» ylmy žurnalynda çap edildi. Häzirki wagtda urany dag jynslaryndan alýarlar, ýöne onuň ätiýaçlyklary çäklidir. Bar bolan çaklamalara görä, deňizlerde we ummanlarda bu elementiň ergininiň, takmynan, 4,5 milliard tonnasy bolup, ol gury ýerdäki uran käniniň mukdaryndan müň esse ýokarydyr.

Ol deňizlerde uranil diýlip atlandyrylýan ion görnüşinde duş gelýär. Şeýle-de bolsa, urany suwdan almak çylşyrymly bolmagynda galýar, sebäbi olary netijeli tutmak üçin niýetlenen materiallarda ýeterlik meýdan ýok. Hytaýly barlag geçirijiler ýöriteleşdirilen monomerler bilen örtülen uglerod süýümli matany döretdiler. Himiki taýdan gaýtadan işlenenden soň, süýüm uran bölejiklerini gapyp bilýän köp sanly «jübülere» eýe boldy.

Synaglaryň dowamynda alymlar 24 günde deňiz suwunyň her gramyndan 12,6 milligram uran almagyň hötdesinden geldiler. Uglerod matanyň öndürijiligi synagdan geçen beýleki materiallardan has ýokary boldy. Hünärmenleriň aýtmagyna görä, bu açyş, ýadro ýangyjynyň täze çeşmesi hökmünde deňizleri ulanmagyň geljegi uly usulyny hödürleýär.

# Şu ýylyň iň möhüm üstünlikleri

**Hünärmenler 2023-nji ýylda iň möhüm üstünlikleri gazanan alymlaryň sanawyny düzdüler. Olaryň atlary «Nature» atly abraýly ylmy neşiriň resmi web sahypasynda ýerleşdirildi.**



**Sanawda «Chandrayaan-3» missiýasynyň ýolbaşçylarynyň biri Kalpana Kalahasti bolup, ol Hindistanyň taryhynda ilkinji bolup Aýyň üstüne gonmaga niýetlenen planetalararasy enjamy taýýarlamakda uly işleri bitirdi. Şeýle hem sanawa «ChatGPT» emeli aňly çat-boty döreden Ilýa Suskewer girizildi.**

**Olardan başga-da, Amazon tokaýlarynyň kesilmeginiň öňüni almagy başaran Braziliýanyň daşky gurşaw ministri Marina Silwa, agramy azaltmaga niýetlenen dermany işläp taýýarlamaga gatnaşan biohimik Swetlana Moýsow, R21 gyzzyrma garşy sanjymy döreden Halido Tinto, şeýle hem peşew haltasyny bejermegiň täze usulyny oýlap tapan Tomas Powles ýylyň gahrymanlary boldy. Sanawda jemi on adam bar.**

# «Huawei» Fransiýada zawod gurar

Hytaýyň «Huawei» korporasiýasy Fransiýada zawod gurar. Maglumatlara görä, «Huawei» Fransiýadaky zawodyň gurluşygyna 2024-nji ýylda başlar. IT ägirdiniň zawodyň gurluşygyna 2020-nji ýylda başlamagy meýilleşdirendigi, hatda 200 million ýewro möçberde maýa goýum belländigi, ýöne pandemiýa sebäpli meýilnamalaryny üýtgetmeli bolandygy habar berilýär. Fransuz häkimiýetleri 2022-nji ýylda kompaniýanyň ygtyýarnamasyny uzaltmak kararyna geldi. Maglumatlarda Hytaýyň Ýewropa Bileleşiginden we ABŞ-dan soň Fransiýanyň üçünji uly söwda hyzmatdaşydygy bellenilýär. Strasburgyň golaýyndaky Brýumat kommunasynda ýerleşjek täze önümçilik desgasynyň 2025-nji ýylda açylmagyna garaşylýar. Bu ýerde ykjam aragatnaşyk torlary üçin niýetlenen enjamlar öndüriler.




# «MICROSOFT» «APPLE»-DEN ÖŇE GEÇER

**«Microsoft» 2024-nji ýylda «Apple»-den öňe geçip, dünýäniň iň uly kompaniýasyna öwrülmäge taýýarlanýar. Daşary ýurtlaryň habar beriş serişdeleriniň maglumatlaryna görä, soňky on ýylda «Apple» kapitallaşdyrma boýunça öňdeligi eýeledi, ýöne «Microsoft» ýagdaýy üýtgetmegi meýilleşdirýär.**

**Tim Kukuň ýolbaşçylygyn-**




**da ägirtlige öwrülen «Apple»-den tapawutlylykda, Sati Nadellanyň ýolbaşçylygyndaky «Microsoft» girdeji gazanmaga gönükdirilen kompaniýadan innowasiýalara we emeli aňa geçdi. «Apple»-iň üstünlikleriniň arkasynda dünýäni özgerden önümleri döreden Stiw Jobsuň garaýyşlary durýardy. Şeýle-de bolsa, ol gideninden soň kompaniýa Kukuň ýolbaşçylygynda hiç hili özgerişlik girizmezden girdejisini köpeltmäge ünsi jemledi.**

**«Microsoft»-y esaslandyryjy Bill Geýtsden başlap, kompaniýa hemişe girdeji gazanmaga gönükdirilipdi, ýöne Nadellanyň ýolbaşçylygynda kompaniýa emeli aň we bulut tehnologiýalaryna işjeň maýa goýdy. «Microsoft»-yň emeli aň pudagyna gatnaşygyny artdyrmak meýilnamalaryny we bulut hyzmatlary bazaryndaky möhüm paýyny göz öňünde tutsaň, 2024-nji ýylda «Microsoft»-yň kapitallaşdyrma boýunça «Apple»-den öňe geçmegi ähtimal.**

**Netijelilige gönükdirilen «Apple», rewolýusion önümini hödürlemese, «Microsoft»-dan öňe geçip bilmez. Tehnologiýa dünýäsinde öňdengörüjilik netijelilikden has möhüm hasaplanýar.**

# BAGTLY DURMUŞYŇ 5 SYRY

**Nikalaşmak iki adamyň durmuşyny birleşdirýän iň möhüm kararlaryň biridir. Maşgala bolmak bilen iki ýaş juwanyň arasynda baglanyşyk emele gelip, uzak ýyllaryň dowamynda bagtly ýaşamak üçin uly tagalla edilýär. Bilermenler ýanýoldaşyň bilen düşünişip, bagtly durmuşda ýaşamagyň syrlaryny şeýle beýan edýärler.**



**Diňlemek.** Diňlemegi başarmak sungat bolup, ýanýoldaşyň aýdanlaryna düşünmegi we jogap bermegi başarmaly. Düşünişmezlikleriň köpüsi derdiňi aýdyp bilmezlik, diňläp düşünmegi başarmazlyk bilen ýüze çykýar. Şol sebäpli, ýoldaşyň diýýän sözlerini diňe bir eşitmek däl, duýgularyň bilen kabul etmek gerek.

**Dogruçyllyk we duýgularyňy paýlaşmak.** Özüňi dogruçyl alyp barmak we duýgularyňy paýlaşmak maşgala gatnaşygynyň esasyny düzýän ynamy güýçlendirmäge ýardam edýär. Ynam özara gatnaşyklaryň esasy sütüni bolup, bagtyýar geljegi üpjün edýär. Özüňi bagtyýar, aladaly ýa-da gaharly duýýandygyňyza garamazdan, duýgularyňy paýlaşmaly. Bu rahatlanmaga, birek-birege has-da ýakynlaşmaga we maşgala gatnaşyklaryny berkitmäge kömek edýär.

**Özara tankyda dogry düşünmek.** Maşgalada düşünişmezlikleriň bolmagy tebigy zat. Bu ýagdaý, esasan hem, kemçilikleriňi bilmezlik esasynda ýüze çykýar. Şol sebäpli maşgalada ýüze çykýan kemçilikleri bir-biriňi kemsitmezden, ýumşak äheňde düzetmeli. Esasy zat hem birek-biregiň ýalňyşlyklaryny gözlemeli däl-de, meseläniň ýüze çykmagyna sebäp bolan ýagdaýy anyklamaly. Ýalňyşy gaýtalamazlyga synanyşmaly. «Men» ýa-da «Sen» diýen sözleriň ýerine «Biz» diýen jümläni ulanmaly.



**Hal-ahwal soraşmak.** Bir öýde ýaşaýan hem bolsa, iş-alada bilen bolup, kähalatda hal-ahwal soraşmagy we gürrüňleşip oturmagy ýatdan çykarýarys. Bu ýagdaý maşgalada sowuk-salalyga getirip biler. Şol sebäpli birek-birekden hal-ahwal soramagy, gepleşip oturmagy ýatdan çykarmaly däl. Hal-ahwal soraşmak alada edilýändiginiň alamaty bolup, maşgala gatnaşygyny has-da berkidýär.

**Hormat goýmak we minnetdarlyk bildirmek.** Edilýän alada üçin minnetdarlygyňyzy yzygiderli beýan ediň! Agşamlyk naharyndan soň, naharyň tagamly bolandygyny eşitmek, öýe getirilen haýsydyr bir önüm üçin hoşallyk bildirilýändigini duýmak hemmämiz üçin ýakymly bolsa gerek. Minnetdarlyk oňyn duýgulary döredip, agzybirligi saklamaga we biri-biriňe bolan hormatyň artmagyna ýardam edýär.

# NÄHILI ARASSALAMALY?

Gyş paslynyň dowam edýän günlerinde ýüzbe-ýüz bolunýan meseleleriň biri hem awtoulagyň aýnasynyň doňmagydyr. Kähalatlarda bir ýere gitmek üçin awtoulagyň ýanyna gelenimizde ulagyň penjireleriniň buz bilen örtülendigini görýäris. Eýsem, gysga wagtyň içinde aýnany nähili arassalamaly? Aýnanyň buzuny zyýan ýetirmezden nädip eretmeli?



Ilki bilen ulagy işletmeli. Soňra ulagyň içindäki çygly howany aýyrmak üçin gyzdyryjyny açmaly. Mümkin bolsa, gyzgyn howany üfleýjileri aýna tarap bakdyrmaly. Gapylary ýapyp, biraz garaşmaly. Aýna ýapyşan çygly gatlak ýuwaş-ýuwaşdan eränden soň, aýnanyň daş ýüzünden suw pürküjide suw sepip, buz gatlagyny eretmeli. Aýna sepilýän suwuň doňmazlygy üçin ýuwujy serişde goşup, köpürjikli suw hem taýýarlap bilersiňiz. Soňra awtoulag süpürmek üçin ýörite taýýarlanan mikrofiber süýümli süpürgiç bilen aýnany mazaly arassalamaly. Awtoulagyň aýnasy suwy özüne çekiji ýörite esgi bilen süpürilse talabalaýyk bolar. Ulagyň aýnasyny awtoulagy gyzdyrmazdan ýa-da suw sepip ýumşatmazdan öň arassalamak maslahat berilmeýär. Şeýle ýagdaýda aýna çat açyp ýa-da döwlüp biler.

Gyş paslynda, esasan hem, ýagynly günlerde awtoulagy daş-töweregi ýapyk awtoduralgada goýmak maslahat berilýär. Her gün ugramazdan öň ulagyňyzyň aýnasyny arassalamak ýüze çykyp biljek ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almaga ýardam edýär.

# Dubaýyň meşhur tagamlary

**2023-nji ýylyň iň gowy şäherleriniň sanawynda ikinji orny eýelän Dubaý dürli milletlerden bolan ýaşaýjylary bilen tapawutlanýar. Şoňa görä-de, bu şäherdäki däp-dessurlar hem dürli-dürli bolup, arap medeniýetine özboluşlylyk berýär. Dubaýda diňe bir medeni däp-dessurlarda däl, eýsem, şäher gastronomiýasynda hem köp dürli hödürnamany görmek bolýar. Adaty aşhana tagamlary, ýerli naharlar we liwan aşhanasynda taýýarlanýan tagamlar şäherde iň halanýan iýmit görnüşleri hasaplanýar. Dubaýda, esasan hem, hindi restoranlary agdyklyk edip, gök önüm söýüjiler bu ýerde islendik tagamy sargyt edip bilýärler. Dubaýda soňky ýyllarda liwan, italýan we Uzak Gündogar tagamlary has ýörgünli bolup, nahar sanawynda şu iýmitlere uly isleg bildirilýär.**

**«Matchbous Makbus».** Dubaýda ýerli ilatyň iň gowy görýän tagamlaryndan biri bolan «Matchbous Makbus» gowrulan goýun etidir ýa-da balygy tüwiniň üstüne goýup, buglamak bilen taýýarlanýar. Gazanda açyk otda bişirilýän palawa meňzeş bu tagama guradylan ir-iýmişler hem goşulýar.

**«Ghuzi».** Uly bölek guzy eti bilen tüwüden garylyp bişirilýän «ghuzi» beduinleriň (çarwa) milli tagamy bolup, üstüne gök otlar goýlup hödür edilýär. Hoşboý ys berijiler hem goşulýan bu tagam syýahatçylaryň iň gowy görýän naharlarynyň biridir.



**«Mandi».** Gowrulan towuk etiniň üstüne tüwi goýlup, haýaljak otda bişirilýän bu tagam pomidor goýultmasy, gatyk we hoz bilen bilelikde hödür edilýär. Mandi Ýemende döränn tagam bolup, giň ýalpak tabaga salyp, el bilen iýmek ýörgünli däp hasaplanýar.

**«Shurba Addis».** Dubaýda iň köp iýilýän tagamlaryň biri bolan Addisiň çorbasyna dürli görnüşli gök önümler bilen birlikde et we mekgejöwen hem goşulýar. Ýerli ilatyň milli tagamlarynyň biri hasaplanýan bu çorba hoşboý ys berijiler hem goşulýar. Addisiň çorbasy Dubaýdaky ähli restoranlarda taýýarlanýar.

**«Falafel».** Owradylan nohut bilen künjüden myncgylanyp, tokgalap gowrulýan falafel Ýakyn Gündogar aşhanasynyň iň meşhur tagamlarynyň biridir. Esasan hem, müsür we liwan aşhanalarynda bu iýmiti taýýarlamaga has köp üns berilýär. «Gowrulan topjagaz» hem diýilýän bu tagama çörek owuntyklarydyr duzlanan gök önümler hem goşulyp, gök otlar bilen bilelikde hödür edilýär. Falafel Dubaýyň köçe tagamlarynyň iň meşhurlarynyň biridir.

**«Umm Ali».** Dubaýyň iň meşhur deserti bolan «Umm Ali» Orta asyrlarda Müsürde döräpdir. Şol sebäpli Müsür medeniýetinde we halk döredijiliginde bu süýjülik bilen bagly rowaýatlardyr eserlere duş gelmek bolýar. Adatça Remezan aýynda we toý dabaralarynda hödür edilýän bu süýjülik çörek ýa-da köke owuntygyna pisse, kokos ýagy, kişmiş we köp mukdarda şeker goşulyp taýýarlanylýar. Bu desert üstüne gaýmak ýa-da süýt guýlandan soň, dalçyn sepip, howurpeçde bişirilýär. «Umm Alini» gyzgynlygyna ýa-da sowadyp hem iýip bolýar.

# SAGLYGA PEÝDALY MIWE

Gyş paslynda iň köp iýilýän miweleriň biri hem kiwi bolup, saglyk üçin peýdaly witaminleri özünde jemleýär. Ata Watany Hytaý hasaplanýan bu miwäniň düzüminde C we K witamini hem-de köp mukdarda süýüm saklanýar. Açyk ýaşyl reňkli bu miwäniň 50-den gowrak görnüşi bolup, esasan hem, iýmit siňdiriş ulgamyna peýdalydygy bilen tapawutlanýar. Kiwiniň düzümindäki K witamini bedeniň madda alyşçalşygyny we kalsiniň derejesini kadalaşdyrýar. Bedeniň mis ýetmezçiliginiň öňüni almakda hem kiwi peýdalydyr. Kiwi immuniteti güýçlendirip, dümewe we sowuklama garşy göreşmäge ýardam edýär.



Gyş paslynda, esasan, C witamini ýetmezçilik edýär. Her gün 2-3 sany kiwi iýmek bilen beden üçin zerur bolan C witamini alyp bolýar. Bu miwäni terligine iýmek bilen bir hatarda dürli işdäaçarlara hem goşup bolýar. Etden taýýarlanýan tagamlara kiwi goşulanda çalt hem ýumşak bişýär. Turşumtyk miwäniň düzüminde şekeriň hem bardygyny, şeýle hem aşgazan agyrysyna sebäp bolýandygyny göz öňünde tutmak bilen köp iýmek maslahat berilmeýär. Bilermenleriň bellemegine görä, kiwi göz üçin iň peýdaly miweleriň biridir.

# ÇAGALAR

✓ Buz gatlaklaryny hasaba alanyňda, Grenlandiýa Antarktidadan soň dünýäde ikinji orunda durýar.




**Gyş paslynyň bezegi bolan garyň ýagmagy hemmeler üçin şatlykly pursada öwrülýär. Gar oýnamagy, gardan dürli şekilleri we gar adam ýasamagy halamaýan ýok bolsa gerek. Eýsem, gar nädip emele gelýär?!**

Howa sowanda atmosferadaky kiçijik buz kristallary biri-birine ýapyşyp, gar emele gelýär. Howanyň temperaturasy 2 derejeden pes bolanda ýagyş, ýagny atmosferadaky çyglylyk gar görnüşinde aşak düşýär. Howa 0 derejeden 2 dereje aralykda bolanda iň agyr gar gatlaklary Ýere düşüp bilýär. Gar, esasan, uçganaklap, kebelekläp, boranlap ýa-da syrgynlap ýagýar. Garyň ýaldyraýan görnüşine buldurçyn diýilýär. Howa 0 derejeden ýyly bolanda gury gar ýagýar. Gury gar ýaganda buz kristallary biri-birine ýapyşmaýar. Şol sebäpli gar tozgalary hem kiçijik bolýar. Muňa başgaça «tozanly gar» hem diýilýär. Howa 0 derejeden aşak düşende, ýagny minus (-) bolanda, buz kristallary biri-birine ýapyşyp, owadan şekilli uly gar tozgalaryny emele getirýär. Garyň reňki ak bolup görünýän hem bolsa, aslynda suw ýaly reňksizdir. Gar tozgalary şöhläni yzyna serpikdirip, ak reňkde görünýär. Gar ýagýan ýerine görä, çal, mämişi we gögümtil reňkde bolup biler. Gar atmosferadan 1 sagat çemesi wagtda Ýere düşýär. Garyň düşüş tizligi sagatda 1 kilometrden 14 kilometre çenli bolup bilýär. Tozgajyklar aşak düşýän mahaly howadaky çygy özüne çekýär we ýeliň ugruna görä tizligini artdyrýar. Tozgajyklaryň hiç birisi beýlekisine meňzemeýär we ýere düşende biri-birine degmeýär. Gar tozgasy, esasan, şahajyga meňzeş 6 bölekli buz kristallary görnüşinde bolýar.





Ata-babalarymyz garyň ýagmagy, gar bilen baglanyşykly tebigy hadysalar barada birnäçe yrymdyr ynançlary, halk döredijilik eserlerini döredipdirler. Muňa mysal hökmünde «Galan işe gar ýagar», «Leglek bilen gar geldi», «Torgaý gelenden dokuz günden soň gar gider» ýaly nakyllardyr pähimleri görkezmek bolar. Garaşsyzlyk ýyllarynyň edebiýatynda «akja gar» ady bilen goşgudyr aýdymlar döredildi. Gar bilen bagly türkmen diliniň sözlük düzüminde birnäçe sözlere duş gelmek bolýar.

# Dünýäniň iň sowuk adasy

Grenlandiýa buz bilen örtülen ada bolup, kontinental howa bilen gurşalandyr. Adanyň tutýan meýdany 2,130,800 inedördül kilometre barabar. Dünýäniň iň uly adasy hasaplanýan Grenlandiýa Daniýanyň awtonom bölegidir. Grenlandiýanyň 80%-den gowragy buzluklar bilen örtülip, bu buz adanyň bary-ýogy 57,600 ilaty bar. Ýylyň dowamynda adada howa sowuk derejede saklanýar. Tomsuna -10/-150 dereje, gyşyna -45/-500 dereje. Adada howa derejesi -650 derejä çenli peselip bilýär.

Grenlandiýa gaýtalanmajak tebigy şertlere baý syýahatçylyk merkezidir. Arktika bagy, Jegeda öýi, Şa aýal Margaret ýadygärligi, Sungat muzeýi, Grenlandiýanyň milli muzeýi we Santa Klaus öýi adanyň iň gözel ýerleridir. Bu ýerde haýran galdyryjy peýzažlar bilen bir hatarda, polýar aýylaryny, ýüzlerçe görnüşli guşlary görüp, kitleriň «meşhur aýdymlaryny» diňläp, maý, iýun aýlarynda bolsa, polýar «ak gijeleriň» görnüşinden lezzet alyp bolýar.

**GRENLANDIÝA BARADA GYZYKLY MAGLUMATLAR:**

☑ Grenlandiýa materik däl-de, adadyr. Sebäbi 2,130,800 inedördül kilometr meýdanda 57,600 adam ýaşaýar.

☑ Buz gatlaklaryny hasaba alanyňda, Grenlandiýa Antarktidadan soň dünýäde ikinji orunda durýar.



☑ Grenlandiýadaky «Ilulissat Ice Fjord» polýar sebitiň daşyndaky iň uly buzluk bolup, 2004-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizildi.

☑ «Demirgazyk-gündogar Grenlandiýa» milli seýilgähi dünýädäki iň uly we demirgazykdaky milli seýilgähdir.

☑ Grenlandiýanyň şäherlerini birleşdirýän ýol ýok.

☑ Adada ýaşaýan ilatyň esasy girdeji çeşmesi balykçylykdyr.

☑ Grenlandiýada ak aýylar, arktika tilkisi, karibu (sugun), muskoks (goýna meňzeş öküz), walrus (deňiz süýdemdirijisi) hem-de ak towşanlar ýaşaýar.











# Gar arassalaýan maşyn

**Gyş paslynda howanyň sowap, garyň ýagmagy bilen tebigat ak dona bürenýär. Garyň has köp ýagmagy bilen ulag serişdeleriniň typmagy, hereket edip bilmezligi ýaly ýol hereketindäki bökdençlikler hem ýüze çykýar. Ýoldaky gar gatlaklaryny aýyrmak üçin oýlanyp tapylan serişdeleriň biri hem gar arassalaýan ulagdyr.**

**Gar arassalaýan ulaglar ilkinji gezek 1792-nji ýylda ABŞ-nyň Nýu-Gempşir şäherinde oýlanyp tapylýar. Bu ulag ýönekeý gurluşa eýe bolup, tirkegli at arabasynyň aşagyna gary syryp gidýän keseligine tagta berkidilip, ony ýörite işçi dolandyrypdyr. Paýtunçy atlary ýuwaşlyk bilen sürüp gidýär, işçi bolsa tutawajy eýläk-beýläk aýlamak arkaly gary bir gyra serpikdirip gidýär. Bu ulgam şäheriň pyýada ýollarynda oňaýly netije berensoň, at arabasyna üçburçluk görnüşli tagtalar dakylyp, ilkinji gar arassalaýan mehanizm peýda bolýar. Üçburçluk tagta gary böwsüp, serpikdirmek işini ýeňilleşdirip, soňlugy bilen demir ýol ulaglaryna hem ornaşdyrylyp başlanýar.**

**1913-nji ýylda «Good Roads Machinery» kompaniýasy tarapyndan ilkinji gar arassalaýan tirkeg öndürilýär. Nýu-Ýorkuň köçelerini arassalamak üçin oýlanyp tapylan bu araba häzirki zaman gyşky tehnikalaryň**



**başlangyjy hasaplanýar. Ulagyň gabarasy metaldan ýasalyp, aşagyna 180 dereje aýlanýan polat örtük ornaşdyrylýar. 1920-nji ýyllarda motorly ulaglaryň ýaýrap başlamagy bilen «Good Roads Machinery» kompaniýasy uly ýollara niýetlenen gar syryjy maşyny döredýär. Soňky ýyllarda bolsa, gary aýlanýan çotgalar bilen süpürýän, öňündäki susguç bilen sorup alyp, gapdala pürkýän ýa-da ýük ulagynyň gabarasyna guýýan, üýşürilen gary duran ýerinde eredip, lagym ulgamyna akdyrýan we beýleki ululy-kiçili onlarça ýörite tehnologiýa peýda bolýar. Häzirki wagtda gidrawlik ulgama eýe bolan, döwrebap enjamlar ornaşdyrylan gar arassalaýan ulaglar gyş paslynda ýollarda üznüksiz hereketi ýola goýmaga ýardam edýär.**

Şekili reňkläň!



10 tapawudy tapyň!



Gyzykly pursat





Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

# 81-nji «Altyn globus» baýraklarynyň dalaşgärleri mälim edildi

Kino sungatynyň abraýly baýraklaryndan «Altyn globus» baýraklarynyň dalaşgärleri mälim edildi. 81-nji gezek geçiriljek «Altyn globus» baýraklarynda «Barbi» filmi iň köp dalaşgärlik gazanan ekran eseri boldy. 9 ugurda dalaşgärlige hödürlenen filmden soň ýylyň başga bir iri taslamasy — «Oppenhaýmer» 8 dalaşgärlik bilen 2-nji ýeri eýeledi. «Görgüli betbagtlar» hem-de «Dolan Aý ganhorlary» filmleri-de 7 ugurdan «Altyn globusyň» heýkeljiklerine hyrydar görkezildi.



Iň gowy drama filmi ugry boýunça «Ýykylmagyň anatomiýasy», «Dolan Aý ganhorlary», «Maestro», «Oppenhaýmer», «Öten günler», «Gyzyklanma zolagy» filmleri, iň gowy komediýa ýa-da mýuzikal film ugry boýunça-da «Eýr: ýokary böküş», «Barbi», «Maý-dekabr», «Görgüli betbagtlar», «Amerikan hekaýasy» hem-de «Galdyrylanlar» kinolary dalaşgärlige hödürlendi. Iň gowy režissýor baýragy ýokarda ady agzalan filmleriň 6-synyň režissýory — Bredli Kuper («Maestro»), Greta Gerwig («Barbi»), Ýorgos Lantimos («Görgüli betbagtlar»), Kristofer Nolan («Oppenhaýmer»), Martin Skorseze («Dolan Aý ganhorlary») hem-de Selin Song («Öten günler») dalaşgär görkezildi.

Iňlis dilinde bolmadyk iň gowy film ugry boýunça-da «Ýykylmagyň anatomiýasy» (Fransiýa), «Dökülen ýapraklar» (Finlýandiýa), «Men kapitan» (Italiýa), «Öten günler» (ABŞ), «Gar topary» (Ispaniýa) hem-de «Gyzyklanma zolagy» (Birleşen Korollyk/Polşa) filmlerinden haýsy hem bolsa biri «Altyn globus» baýragyny gazanar.

Ilkinji gezek beriljek ýylyň iň gowy köp girdejili filmi baýragy diýlen ugurda-da «Barbi», «Galaktikanyň goragçylary – 3», «Jon Wik – 4», «Ýerine ýetirip bolmajak missiýa: ölümli hasaplaşyk – 1-nji bölüm», «Oppenhaýmer», «Möý adam: möýler älemine geçiş», «Doganlar Super Mario filmi», «Teýlor Swift: Eras tury» ýaly ekran eserleri dalaşgär diýlip bellendi. «Möý adam: möýler älemine geçiş», «Doganlar Super Mario filmi», «Arzuw», «Elementler» hem-de «Suzume», «Oglanjyk we guş» atly ýapon animeleri iň gowy animasiýa baýragynyň dalaşgärleri boldy.



81-nji «Altyn globus» baýraklarynyň ýeňijileri 2024-nji ýylyň 7-nji ýanwarynda Kaliforniýadaky «The Beverly Hilton» myhmanhanasynda geçiriljek we Glenn Waýssyň alyp barjak dabarasynda belli bolar.

**Iň gowy drama filmi:** «Ýykylmagyň anatomiýasy» (Anatomy of a Fall), «Dolan Aý ganhorlary» (Killers of the Flower Moon), «Maestro» (Maestro), «Oppenhaýmer» (Oppenheimer), «Öten günler» (Past Lives), «Gyzyklanma zolagy» (The Zone of Interest)

**Iň gowy komediýa ýa-da mýuzikal film:** «Eýr: ýokary böküş» (Air), «Barbi» (Barbie), «Maý-dekabr» (May December), «Görgüli betbagtlar» (Poor Things), «Amerikan hekaýasy» (American Fiction), «Galdyrylanlar» (The Holdovers)

**Iň gowy aktýor (drama):** Bredli Kuper – «Maestro», Leonardo DiKaprio – «Dolan Aý ganhorlary», Kolman Domingo – «Rustin» (Rustin), Berri Keogan – «Soltbern» (Saltburn), Sillian Mörfi – «Oppenhaýmer», Andrýuw Skott – «Nätanyşlar» (All of Us Strangers)

**Iň gowy aktrisa (drama):** Annette Bening – «Naýed» (Nyad), Lili Gladstoun – «Dolan Aý ganhorlary», Sandra Hüller – «Ýykylmagyň anatomiýasy», Greta Li – «Öten günler», Kari Malligan – «Maestro», Kaili Spaeni – «Prisilla» (Priscilla)

**Iň gowy aktýor (komediýa ýa-da mýuzikal):** Nikolas Keýj – «Düýş ssenarisi» (Dream Scenario), Timoti Şalame – «Wonka» (Wonka), Mett Demon – «Eýr: ýokary böküş», Pol Jiamatti – «Galdyrylanlar», Hoakin Finiks – «Bo gorkýar» (Beau Is Afraid), Jeffri Raýt – «Amerikan hekaýasy»

**Iň gowy aktrisa (komediýa ýa-da mýuzikal):** Fantasia Barrino – «Melewşe reňk» (The Color Purple), Jennifer Lawrens – «Güýçli duýgy ýok» (No Hard Feelings), Natali Portman – «Maý-dekabr», Alma Pöýsti – «Dökülen ýapraklar», Margo Robbi – «Barbi», Emma Stoun – «Görgüli betbagtlar»

**Iň gowy serial (drama):** «1923» (1923), «Täç» (The Crown), «Diplomat» (The Diplomat), «Iň soňkujalarymyz» (The Last of Us), «Ertirki şou» (The Morning Show), «Mirasdüşerler» (Succession)

**Iň gowy serial (komediýa ýa-da mýuzikal):** «Abbot başlangyç mekdebi» (Abbot Elementary), «Berri» (Barry), «Aýy» (The Bear), «Nobatçy emin» (Jury Duty), «Ganhorlar bir binada» (Only Murders in the Building), «Ted Lasso» (Ted Lasso)

**Iň gowy gysga göwrümli serial ýa-da teleýaýlym üçin filmler toplumy:** «Hemme ýagtylygy görüp bilemzok» (All the Light We Cannot See), «Garpyşma» (Beef), «Deýzi Jons bilen The Six topary» (Daisy Jones & the Six), «Fargo» (Fargo), «Syýahatçy ýoldaşlar» (Fellow Travelers), «Himiýa sapaklary» (Lessons In Chemistry)

# Kannda eminlere baştutanlyk eder



Geljek ýylyň maý aýynda geçiriljek 77-nji Kann film festiwalynyň eminler toparynyň başlygy mälim edildi. Kino dünýäsiniň iň esasy festiwallarynyň hatarynda görkezilýän Kann film festiwalynda eminlere ýylyň iň köp girdeji gazanan filmi «Barbi» ekran eseriniň režissýory Greta Gerwig baştutanlyk eder. Ol bu festiwalynda eminlere baştutanlyk etjek ilkinji amerikaly zenan režissýor bolar. Şol bir wagtyň özünde Gerwig meşhur aktrisa Sofiýa Lorenden soň (1966) Kann film festiwalynda eminlere baştutanlyk etjek iň ýaş sungat işgäri bolar. Aktrisa bolup kino sungatyna başlan 40 ýaşyndaky Gerwig 2017-nji ýylda «Ladybird» filmi bilen režissýorlyga tarap ädim ädipdi.

# Ýewropada ýylyň iň gowy filmi




Ýewropa film baýraklarynda ýeňiji belli bolup, fransiýaly režissýor Žustin Trieniň «Ýykylmagyň anatomiýasy» (Anatomie d'une chute) atly ekran eseri iň gowy film diýlip saýlandy. Berlinde geçirilen dabarada filmi surata düşüren zenan režissýor iň gowy režissýor baýragy bilen hem sylaglandy. Filme iň gowy ssenariý baýragy hem berlip, ekran eseriniň edebi esasyny režissýoryň özi bilen bir hatarda, Artur Harari bilelikde ýazdy. Drama hem-de triller görnüşli filmde baş keşbi janlandyrýan germaniýaly artist Sandra Hüller iň gowy aktrisa diýlip saýlandy. Dabarada iň gowy aktýor baýragyna-da «Wada berlen toprak» (Bastarden) filminiň ýyldyzy, daniýaly Mads Mikkelsen mynasyp boldy.

# Täze filmler

**Ady:** «Akwamen we ýitirilen şalyk» (Aquaman and the Lost Kingdom); **Režissýory:** Jeýms Wan; **Keşplerde:** Jeýson Momoa, Patrik Wilson, Ember Hörd, Ýahýa Abdul-Matin II, Nikol Kidman; **Ssenariçi:** Dewid Lesli Jonson-MakGoldrik (DC-niň komiksleri esasynda); **Prodýuseri:** Piter Safran, Jeýms Wan, Rob Kowan; **Kompozitory:** Rupert Gregson-Williams; **Öndüriji:** «DC Studios», «Atomic Monster», «The Safran Company»; **Paýlaýjy:** «Warner Bros. Pictures»; **Görnüşi:** ylmy-fantastik, uruşly, «superhero»; **Dowamlylygy:** 124 minut; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe; **Býujeti:** 205 million dollar.




«DC Studios»-yň täze filmi «Akwamen we ýitirilen şalyk» filmi şu günden tutuş dünýäde görkezilip başlanar. 205 million dollar býujetli filme Jeýms Wan režissýorlyk edip, ol 2018-nji ýylda ekranlaşdyrylan 1-nji «Akwamen» filmini hem surata düşüripdi. Filmde baş keşpleri Jeýson Momoa, Patrik Wilson, Ember Hörd, Ýahýa Abdul-Matin II hem-de Nikol Kidman janlandyrýar. 2 sagatdan gowrak dowam edýän filmiň ssenarisini 1-nji kinonyň hem ssenariçisi bolan Dewid Lesli Jonson-MakGoldrik ýazdy.

Geçen gezekde Akwamenden asgyn gelen Blek Manta has güýçlenip, ar almagyň yşgyna düşýär. Akwamen bolsa duşmana garşy göreşmek üçin tussaglykdaky inisi bilen güýjüni birleşdirmeli, şalygy hem-de tutuş dünýäni goramak üçin elinden geleni gaýgyrman göreşmeli bolýar.

**Ady:** «Ferrari» (Ferrari); **Režissýory:** Maýkl Mann; **Keşplerde:** Adam Draýwer, Penelope Kruz, Şailin Wudli, Sara Gadon, Gabriel Leone, Jäk O'Konnell, Patrik Dempsi; **Ssenariçi:** Troý Kennedi Martin (Brok Ýeýtesiň «Enzo Ferrari: The Man, the Cars, the Races, the Machine» atly eseri esasynda); **Prodýuseri:** Maýkl Mann, P.J. wan Sandwiýk, Marie Saware, Jon Leşer; **Kompozitory:** Daniel Pemberton; **Öndüriji:** «Forward Pass», «Storyteller Productions», «STXfilms»; **Paýlaýjy:** «Neon» (ABŞ), «STX International» (Halkara); **Görnüşi:** biografiýa, sport, drama; **Dowamlylygy:** 130 minut; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe; **Býujeti:** 95 million dollar.




Ussat režissýor Maýkl Mannyň 8 ýyldan soňky ilkinji filmi «Ferrari» kinosynda baş keşbi Adam Draýwer janlandyrýar. Penelope Kruz, Şailin Wudli, Sara Gadon, Gabriel Leone, Jäk O'Konnell, Patrik Dempsi ýaly artistler hem oňa ýoldaşlyk edýär. Awtobiografik görnüşdäki filmiň ssenarisini Troý Kennedi Martin ýazyp, ol Brok Ýeýtsiň eseri esasynda taýýarlandy. Italiýada hem-de Awstraliýada ekranlaşdyrylan film üçin 95 million dollarlyk çykdajy edildi.

Filmde Italiýanyň dünýä belli brendi «Ferrari» ulagynyň esaslandyryjysy Enzo Ferrariniň durmuşy, maşgalasy hem-de meşhur kompaniýany esaslandyryşy barada söhbet açylýar.




**40-njy SKANWORD**

**Batyr ILAMANOW,** *Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*



● **DIKLIGINE:** **1.** Russiýada bir derýa. **2.** Taryhyň atasy. **3.** Otluk, gülzarlyk ýer. **4.** Ýaňsyly äheňde ýazylýan kiçijik kyssa, goşgy. **5.** Ussat. **6.** Amerikada bir ştat. **7.** Howla oturdylýan, iki tarapa açylýan giň gapy. **8.** Turpuň bir görnüşi. **12.** Akar, ýap. **13.** Kerwen düşleýän saraý, kerwençileriň myhmanhanasy. **18.** Ýüňden, ýüplükden, simden işilip edilýän ýogyn tanap. **19.** Parahat. **21.** Iki örküçli düýe. **22.** Oglan ady. **24.** Arap elipbiýiniň bir harpy. **28.** Gyz ady. **30.** Egin-eşik brendi. **31.** Türkiýäniň bir şäheri. **33.** Oglan ady. **34.** Owsaryň, uýanyň, kellekiniň malyň alkymyndan aýlap berkidilýän ýüpi. **36.** Dagyň eteginden keseligine, ýagny daga ugurdaş geçýän ýol. **37.** Iki gapdaly tirsek goýar ýaly, arkasy ýaplanar ýaly bir adamlyk ýumşak oturgyç. **39.** Ýitirilen zat, yrýa. **41.** Bir zadyň ýokarsy. **46.** Küşt oýnunyň bir çöpi.

● **KESELIGINE:** **1.** Dermanlyk ösümlik. **5.** Hiç kime bagly bolmadyk. **9.** Düwme, sadap. **10.** Ýyrtyjy jandar. **11.** Seljuk imperiýasynyň soltany. **12.** Gresiýanyň futbol topary. **14.** «... it eýesini ýarar» (nakyl). **15.** Uly taryhy wakalary beýan edýän epiki häsiýetli çeper eser. **16.** Akgara sapakdan işilen bag. **17.** Türkmen milli saz guraly. **20.** Wenger syýahatçysy Arminiý .... **23.** Sportuň bir görnüşi. **25.** Iki ýaşar düýe. **26.** Nusga bolmaga mynasyp. **27.** Subtropik miwe. **29.** Ten, beden. **32.** Mal-gara saklar ýaly çöp-çalamdan edilen agyl. **35.** Kösügi käşire meňzeş, ownuk ýaprakly dermanlyk ösümlik. **37.** Balygyň bir görnüşi. **38.** Päk, arassa ýürekli. **40.** Hyýal, pikir. **42.** Sport enjamy. **43.** «... kesbi – ogla halal» (nakyl). **44.** Elektrik garşylygyny ölçemegiň birligi. **45.** Nesýä goýman berilýän pul. **47.** Termodinamiki diagrammadaky izoprosessleri görkezýän çyzyk. **48.** Bir döwletiň ilçisi tarapyndan baştutanlyk edilýän başga bir döwletdäki diplomatik wekilçilik we onuň ýerleşýän jaýy.

**55-nji KROSSWORD**

**Amangül MÄMIJIKOWA,** *Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň talyby.*

38-nji skanwordyň jogaby:



39-njy skanwordyň jogaby:



54-nji krosswordyň jogaby:



## Bir sözlemde...

❯ Gandbol boýunça zenanlaryň arasynda Daniýadyr Şwesiýada hem-de Norwegiýada geçirilen 26-njy Dünýä Kubogynyň finalynda soňky çempion Norwegiýany 31:28 hasabynda ýeňen Fransiýanyň ýygyndysy 2003-nji we 2017-nji ýyllardan soň 3-nji gezek çempion bolmagy başardy (Şwesiýany 28:27 hasabynda ýeňen Daniýa 3-nji ýeri eýeledi).

❯ Amerikaly ylgaýjy, sprinter Noa Laýlz, şwesiýaly syrykly bökmegiň ägirdi Armand Duplantis (2020-nji we 2022-nji ýyllardan soň 3-nji gezek) hem-de keniýaly uzak aralyga ylgaýjy Kelwin Kiptum Bütindünýä ýeňil atletika federasiýasy (WA) tarapyndan ýylyň erkek ýeňil atletikaçylary diýlip saýlandy.

❯ Keniýaly marafon ylgaýjysy Fait Kipýegon, wenesuelaly üçürdikläp bökmegiň ussady Ýulimar Rohas (2020-nji ýyldan soň 2-nji gezek) hem-de efiopiýaly marafon ylgaýjysy Tigist Assefa Bütindünýä ýeňil atletika federasiýasy (WA) tarapyndan ýylyň zenan ýeňil atletikaçylary diýlip saýlandy.

❯ «La Liganyň» wekillerinden «Sewilýa» topary oktýabr aýynda wezipä bellenen urugwaýly tälimçisi Diego Alonsony wezipesinden boşadyp, onuň ornuna ispaniýaly Kiki Sançes Flores bilen şertnama baglaşdy.

❯ «Premier Liganyň» wekili «Nottingam Forest» topary Stiw Kuperi klubdan ugradyp, onuň deregine portugaliýaly 49 ýaşyndaky hünärmen Nuno Eşpirito Santony 2,5 ýyllyk şertnama bilen tälimçilige belledi.

❯ «Bundesliganyň» klublaryndan «RB Leipsig» topary 32 ýaşyndaky şwesiýaly ýarymgoragçysy Emil Forsbergi ABŞ-nyň çempionaty MLS-niň wekili «Nýu Ýork Red Bulls» toparyna 3 ýyllyk şertnama bilen transfere goýberdi.



## Hepdäniň esasy duşuşyklary

*22-nji dekabr (anna)*

Al Nassr – Al-Ittifak (20:00)
**Fluminense – Mançester Siti (23:00)**
Aston Willa – Şeffild Ýunaýted (01:00)
Salernitana – Milan (00:45)
Monza – Fiorentina (00:45)

*23-nji dekabr (şenbe)*

Frozinone – Ýuwentus (16:30)
**West Ham – Man. Ýunaýted (17:30)**
Bolonýa – Atalanta (19:00)
Tottenham – Ewerton (20:00)
Inter – Leççe (22:00)
**Liwerpul – Arsenal (22:30)**
**Roma – Napoli (00:45)**

*24-nji dekabr (ýekşenbe)*

Wulwerhempton – Çelsi (18:00)
**Fenerbahçe – Galatasaraý (21:00)**

*26-njy dekabr (sişenbe)*

Börnli – Liwerpul (22:30)
**Al-Ittihad – Al Nassr (23:00)**
**Man. Ýunaýted – Aston Willa (01:00)**

*27-nji dekabr (çarşenbe)*

Çelsi – Kristal Palas (00:30)
**Ewerton – Man. Ýunaýted (01:15)**

*28-nji dekabr (penşenbe)*

**Braýton – Tottenham (00:30)**
**Arsenal – West Ham (01:15)**

# Kubok ýaryşynda finala çykan toparlar belli boldy

Türkmenistanyň Kubogy ýaryşynda finala çykan toparlar belli boldy. Ýarym finalyň jogap duşuşygynda «Altyn asyr» toparyndan 4–0 hasabynda üstün çykan «Arkadag» topary finala adyny ýazdyrdy. Duşuşykda «Arkadag» toparynyň gollaryny 3-nji minutda Nazar Towakelow, 23-nji minutda Begmyrat Baýow, 38-nji minutda Begenç Akmämmedow hem-de 70-nji minutda Roman Galkin derweзä girizdi.



Ýeri gelende bellesek, ýarym finalyň 1-nji duşuşygynda-da «Arkadag» topary «Altyn asyr» toparyny uly hasap bilen (4–1) ýeňlişe sezewar edipdi.

Kubok ýaryşynyň beýleki finalçysy bolsa «Ahal»topary boldy. Ýarym finalyň jogap duşuşygynda Marynyň «Merw» toparyny 1–0 hasabynda ýeňen «Ahal» topary finalda oýnamaga hukuk gazandy. «Ahal» toparyna ýeňiş getiren ýeke-täk goly 74-nji minutda Meýlis Durdyýew derweze girizdi. Iki toparyň arasyndaky 1-nji duşuşykda ýeňiş gazanan bolmandy (1–1).

# Finalda «Fluminense» bilen «Mançester Siti» duşuşar

Saud Arabystanynyň Jidda şäherinde geçirilýän 20-nji FIFA Klublararasy Dünýä Kubogynyň finaly şu gije geçiriler. Şa Abdullahyň




adyny göterýän stadionda Aşgabat wagty bilen 23:00-da başlanjak finalda Braziliýanyň «Fluminense» topary bilen Angliýanyň «Mançester Siti» kluby duşuşar. Iki topar hem bu ýaryşa ilkinji gezek gatnaşýar.

«Fluminense» topary ýarym finalda Afrikanyň Çempionlar Ligasynyň ýeňijisi, Müsüriň «Al-Ahli» toparyndan 2-0 hasabynda üstün çykdy. Brazil klubuna





ýeňiş getiren gollary Arias (71 p) hem-de Kennedi (90) derweзä girizdi.

«Mançester Siti» topary bolsa ýarym finalda AFK Çempionlar Ligasynyň kubogynyň eýesi, Ýaponiýanyň «Urawa Red Daýmonds» toparyny 3–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Iňlis klubunyň doly artykmaçlygynda geçen oýunda «Mançester Sitiniň» adyndan Hoibraten (45+1, ö.d.), Kowaçiç (52) hem-de Bernardo Silwa (59) tapawutlandy.

Her yklymyň çempionlarynyň hem-de guraýjy ýurduň çempionynyň gatnaşýan FIFA Klublarasy Dünýä Kubogyna şu ýyl 7 klub wekilçilik edýär. 1-nji tapgyrda ýer eýesi, Saud Arabystanynyň «Al-Ittihad» topary Okeaniýanyň çempiony, Täze Zelandiýanyň «Oklend Siti» toparyny 3-0 (Romarinio 29, Kante 34, Benzema 40) hasabynda ýeňipdi. 2-nji tapgyrda «Al-Ittihad» Müsüriň «Al-Ahli» toparyndan 3–1 hasabynda asgyn geldi (Maalul 21 p, El-Şahat 59, Aşur 62 — Benzema 90+2). 2-nji tapgyrda ýapon kluby «Urawa Red Daýmonds» KONKAKAF-yň çempiony, Meksikanyň «Leon» toparyny Antonios Şalkyň 78-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen utupdy.

# Liga Kubogynda ýarym finalçylar belli boldy

Angliýanyň Liga Kubogy (EFL Cup) ýaryşynda ýarym finala çykan toparlar belli boldy. «Çelsi» öz meýdançasynda «Nýukasl» bilen duşuşdy. 16-njy minutda Wil-



sonyň goly esasynda öňe geçen garşydaşyna oýnuň 90+2-nji minutynda Mudrygyň goly bilen jogap beren «Çelsi» duşuşykdan soň penalti urgularynda 4-2 hasabynda üstün çykmagy başardy.

«Ewerton» bilen «Fulhamyň» arasyndaky duşuşykda ýeňiji 11 metrlik urgularyndan soň kesgitlendi. «Fulham» topary 41-nji minutda Kiniň awtogoly bilen 1–0 öňe geçdi. Ýer eýeleri 82-nji minutda Betonyň goly bilen hasaby deňledi. Esasy wagty



deňlikde gutaran oýundan soň penalti urgularynda 7–6 öňe saýlanan «Fulham» taryhynda ilkinji gezek bu ýaryşda ýarym finala çykdy.

3-nji ligada çykyş edýän «Port Weýl» topary bilen 2-nji liganyň wekili «Middlsbronyň» arasyndaky oýunda myhmanlar Howsonyň (11), Rojersiň (23) hem-de Kruksuň (53) gollary bilen 3-0 hasabynda ýeňiş gazandy.

«Liwerpul» bilen «West Ham» toparlarynyň arasyndaky duşuşykda janköýerler 6 goluň şaýady boldular. Ýer eýeleriniň doly artykmaçlygynda geçen oýunda «Liwerpul» 5-1 hasabynda ýeňşini baýram etdi. «Liwerpulyň» gollaryny Soboslai (28), Kurtis Jons (56, 84), Gakpo (71) hem-de Salah (82) öz atlaryna ýazdyrdylar. «West Hamyň» ýeke-täk pökgüsini bolsa 77-nji minutda Bowen derweзä girizdi.

Şunlukda, ýarym finalda «Middlsbro» bilen «Çelsi», «Liwerpul» bilenem «Fulham» toparlary duşuşarlar. 2 oýundan ybarat bolan ýarym finalyň 1-nji duşuşyklary 9-10-njy, 2-nji duşuşyklary-da 23-24-nji ýanwarda geçiriler.





# Zenanlaryň arasynda türk, erkekleriň arasynda-da italýan kluby ýeňiş gazandy

Hytaýyň Hançžou şäherinde geçirilen woleýbol boýunça zenanlaryň arasyndaky 16-njy Klublararasy Dünýä Kubogy tamamlandy. Finalda ilkinji gezek 2 türk kluby, Stambulyň «Ejzajybaşy Daýnawit» hem-de «Wakyfbank» toparlary duşuşdy. 5 setde tamamlanan oýunda «Ejzajybaşy Daýnawit» topary güýçli garşydaşyny 3:2 hasabynda ýeňdi. 1-nji setde «Wakyfbank» 25:19 öňe saýlandy. 2-3-nji setler 25:23 hasaplar bilen tamamlanyp, «Ejzajybaşy» umumy hasapda öňe geçdi. 4-nji setde 25:23 ýeňiş gazanan «Wakyfbank» hasaby deňledi. Final setinde bolsa 15:9 hasabynda üstün çykan «Ejzajybaşy» 2015-nji we 2016-njy ýyllardan soň 3-nji gezek bu kubogy eýeledi. Olar 2019-njy ýylda finalda utulypdy.

Bassyr 2-nji, umumylykda-da 3-nji sapar (2011, 2022, 2023) finalda asgyn gelen «Wakyfbank» topary 2013-nji, 2017-nji, 2018-nji hem-de 2021-nji ýyllarda çempion bolupdy. Bürünç medal duşuşygynda Hytaýyň «Tianžin Bohai Bank» topary Braziliýanyň «Dentil Praia» klubuny 3:1 hasabynda ýeňdi.

Bäsleşigiň iň gymmatly oýunçysy diýlip çempion klubuň serbiýaly ýyldyzy Tiýana Boşkowiç saýlandy.

* * *

Hindistanyň Bangalor şäherinde geçirilen erkekleriň arasyndaky 18-nji Klublararasy Dünýä Kubogynda Italiýanyň «Sir Kolussi Sykoma Peruja» kluby çempionlyk gazandy. Italýan topary finalda Braziliýanyň «Itambe Minas» toparyny 25:15, 25:21, 25:19 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Bu olaryň bassyr 2-nji çempionlygydyr. Brazil kluby geçen ýyl 4-nji ýeri eýeläpdi.

Bürünç medal ugrundaky duşuşykda-da Ýaponiýanyň «Santori Sanbörds» topary Türkiýäniň «Halkbank Spor» klubuny çekeleşikli geçen oýunda 3:2 hasabynda utdy.

Çempion toparyň ukrainaly oýunçysy Oleg Plotniskiý ýaryşyň iň gymmatly oýunçysy diýlip saýlandy.

1989-njy ýyldan bäri geçirilýän ýaryşda Italiýanyň «Trentino» kluby 5, Braziliýanyň «Sada Kruzeiro» kluby-da 4 gezek çempionlyk gazandy.

# «Napoli» bilen «Inter» kubok ýaryşyndan ir çykdy

Italiýanyň Kubogy ýaryşynda 1/8 finalda garaşylmadyk netije hasaba alyndy. «Serie A»-nyň soňky çempiony «Napoli» öz meýdançasynda «Frozinone» toparyndan 4–0 hasabynda utulyp, ýaryşdan çykdy. «Frozinone» toparyna ýeňiş getiren gollary Barreneçea (65), Kaso (70), Çeddira (90+1 p) hem-de Harrui (90+5) derweзä girizdi. «Napoli» 65 ýyldan soň kubok ýaryşynda 4 gol aratapawut bilen ýeňildi.

1/8 finalyň başga bir duşuşygynda-da kubogyň häzirki eýesi «Inter» öz meýdançasynda «Bolonýa» bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen duşuşygyň esasy wagty golsuz tamamlandy. Goşmaça wagtda, has takygy, 92-nji minutda «Inter» Karlos Augusto bilen öňe geçse-de, «Bolonýa» yzly-yzyna 2 gol geçirip, çärýek finala çykmagy başardy. Gollary 112-nji minutda Beukema bilen 116-njy minutda Ndoýe derweзä girizdi.



1/8 finalyň 2 duşuşygy geçen hepde geçirilip, «Lasio» öz meýdançasynda «Jenoadan» Gundeziniň ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda üstün çykdy. «Fiorentina» bolsa «Parma» bilen duşuşyp, garşydaşynyň 2–0 (Bernabe 21, Bonni 23) öňe saýlanandygyna garamazdan, soňky 7 minutda hasaby deňläp (Nzola 83, Sottil 90 p), penaltileriň netijesinde ýeňiş gazandy.



1/8 finalyň galan 4 duşuşygy («Milan»–«Kaliari», «Atalanta»–«Sassuolo», «Roma»–«Kremoneze», «Ýuwentus»–«Salernitana») geljek ýylyň 2–3–4-nji ýanwarynda geçiriler.

# «Baýer» toparynyň ýeňlişsiz ýörişi dowam edýär

**Angliýanyň çempionatynda** tapgyryň iň esasy duşuşygynda — «Liwerpul» bilen «Mançester Ýunaýtediň» arasyndaky oýunda hasap açylmady. Bu deňlikden soň «Liwerpul» 2-nji orna düşüp, «Braýtony» Žesus hem-de Hawertsiň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňen «Arsenal» 1-nji basgançaga çykdy. Çekeleşikli hem-de dartgynly geçen oýunda-da «Aston Willa» topary myhmançylykda «Brentford» toparyny 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Şeýle-de, «Tottenham» myhmançylykda «Nottingam Foresti», «Çelsi» öz meýdançasynda «Şeffild Ýunaýtedi» 2–0 hasaplar bilen ýeňdi. «Nýukasl»–«Fulham», «West Ham»–«Wulwerhempton» duşuşyklary-da ýer eýeleriniň 3–0 hasabyndaky ýeňşi bilen tamamlandy.







**Ispaniýanyň çempionatynda** 17-nji tapgyrda «Žirona» Dowbygyň (2) hem-de Portunyň gollary bilen «Alawesi» 3–0 hasabynda ýeňip, birinjiligini saklamagy başardy. «Real Madrid» hem öz meýdançasynda «Wilýarrealdan» 4–1 hasabynda üstün çykdy. Goragçysy Dawid Alabanyň agyr şikes alyp, möwsümi tamamlan oýnunda «Realyň» gollaryny Bellingam, Rodrigo, Diaz hem-de Modriç geçirdi. Soňky çempion «Barselona» myhmançylykda «Walensiýa» bilen utuklary paýlaşdy. «Atletik» bilen «Atletikonyň» arasyndaky oýunda bilbaolylar Guruseta hem-de Niko Williamsyň gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Duşuşykda ýer eýelerinden Sanset 11 metrlik jerime urgusyndan ýerlikli peýdalanyp bilmedi.

**Italiýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Inter» myhmançylykda «Lasiony» Martines hem-de Turamyň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňdi. Soňky çempion «Napoliniň» öz meýdançasynda «Kaliarini» Osimhen hem-de Kwarasheliýanyň gollary bilen 2–1 utan tapgyrynda «Milan» «San Siroda» «Monzanyň» derwezesinden jogapsyz 3 gol geçirdi. «Milanyň» gollaryny Reýnders, ilkinji gezek meýdança çykan ýaş goragçy Şimiç hem-de Okafor öz atlaryna ýazdyrdylar. «Ýuwentus» myhmançylykda «Jenoa» bilen deňme-deň oýnap, çempionlyk ýolunda 2 utuk ýitirdi. «Romanyň» myhmançylykda «Bolonýadan» asgyn gelen tapgyrynda soňky oýunlarda özüni dürsäp başlan «Atalanta» topary «Salernitanany» 4–1 hasabynda ýeňdi.

**Germaniýanyň çempionatynda** soňky 7 günüň dowamynda 15-16-njy tapgyryň duşuşyklary geçirildi. 16-njy tapgyrda «Baýer» öz meýdançasynda Patrik Şikiň het-trik eden duşuşygynda «Bohumy» 4–0 hasabynda ýeňip, ýeňlişsiz ýörişini dowam etdirýär. «Bawariýa» Musiala we Keýniň gollary bilen myhmançylykda «Wolfsburgy» 2–1 hasabynda utdy. «Ştutgart» toparyna-da öz meýdançasynda «Augsburgy» ýeňmek kyn düşmedi. Dortmundyň «Borussiýasy» çempionatda bassyr 4-nji duşuşygynda deňme-deň oýnady. Olar soňky 7 duşuşykda diňe 1 gezek ýeňiş gazandylar.

**Fransiýanyň çempionatynda** klublar soňky 7 günde 2 tapgyryň duşuşyklaryny geçirdiler. 16-njy tapgyrda «Lill» bilen geçiren duşuşygynda soňky minutda ýeňşi elden gideren sanawyň lideri PSŽ öz meýdançasynda «Metsden» 3–1 hasabynda üstün çykdy. Gollaryň 2-sini Mbappe geçirip, onuň «Ligue 1»-däki gollarynyň sany 181-e ýetdi we ol 9-njy orna beýgeldi. Möwsüme juda şowsuz başlan «Lion» topary «Nanty» Lakazettiň ýeke-täk goly bilen ýeňip, bassyr 3-nji ýeňşini gazandy. «Brest»–«Loriýan» duşuşygynda ýer eýeleri 4–0 hasabynda ýeňiş gazanyp, gollaryň 4-sini hem 25 minutyň dowamynda Kamori Dumbiýa derweзä girizdi.

**Saud Arabystanynyň çempionatynda** sanawyň lideri «Al Hilal» öz meýdançasynda «Al-Wehda» toparyny Abdulhamid hem-de Mitrowiçiň gollary bilen 2–0 utdy. «Al Ahli» toparyda myhmançylykda «Al-Feýha» toparyndan 3–0 hasabynda üstün çykdy. «Al-Ittihad» bilen «Al Nassr» toparlarynyň duşuşygy soňa goýuldy.

### PREMIER LEAGUE (17) – 21 gol

**Nottingam—Tottenham: 0–2** (Rişarlison 45+2, Kulusewski 65), **Man. Siti—K. Palas: 2–2** (Griliş 24, Lýuwis 54 — Mateta 76, Olise 90+5 p), **Nýukasl—Fulham: 3–0** (Maýli 57, Almiron 64, Bern 82), **Çelsi—Şeffild Ýun.: 2–0** (Palmer 54, Jekson 61), **Börnli—Ewerton: 0–2** (Onana 19, Kin 25), **Arsenal—Braýton: 2–0** (Žesus 53, Hawerts 87), **Brentford—Aston Willa: 1–2** (Lýuis-Potter 45 — Moreno 77, Watkins 85), **West Ham—Wulwerhempton: 3–0** (Kudus 22, 32, Bowen 74), **Liwerpul—Man. Ýunaýted: 0–0, Bornmut—Luton** (soňa goýuldy)

### LA LIGA (17) — 19 gol

**Osasuna—Raýo Wallekano: 1–0** (Raul Garsiýa 90+5), **Selta—Granada: 1–0** (Strand Larsen 20), **Atletik—Atletiko: 2–0** (Guruseta 51, Niko Williams 64), **Sewilýa—Hetafe: 0–3** (Maýoral 5 p, Mata 37, Grinwud 80 p), **Walensiýa—Barselona: 1–1** (Gilýamon 70 — Feliks 55), **Almeriýa—Malýorka: 0–0, Real Sosiedad—Betis: 0–0, Las Palmas—Kadiz: 1–1** (Pehinio 7 — Ramos 83), **Real Madrid—Wilýarreal: 4–1** (Bellingam 25, Rodrigo 37, Dias 64, Modriç 68 — Morales 54), **Žirona—Alawes: 3–0** (Dowbyk 23, 59 p, Portu 42)

### SERIE A (16) — 26 gol

**Jenoa—Ýuwentus: 1–1** (Gudmundsson 48 — Kieza 28 p), **Leççe—Frozinone: 2–1** (Pikkoli 11, Ramadani 89 — Kaýo Žorže 33 p), **Napoli—Kaliari: 2–1** (Osimhen 69, Kwarasheliýa 75 — Pawoletti 72), **Torino—Empoli: 1–0** (Zapata 25), **Milan—Monza: 3–0** (Reýnders 3, Şimiç 41, Okafor 76), **Fiorentina—Werona: 1–0** (Beltran 79), **Udineze—Sassuolo: 2–2** (Lukka 36, Pereýra 55 — Berardi 75 p, 88 p), **Bolonýa—Roma: 2–0** (Moro 37, Kristensen 49 ö.d.), **Lasio—Inter: 0–2** (Martines 40, Turam 66), **Atalanta—Salernitana: 4–1** (Muriel 47, Paşaliç 52, De Ketelare 83, Miranҫuk 89 — Pirola 10)

### BUNDESLIGA (14) — 30 gol

**Werder—Leipsig: 1–1** (Nžinma 75 — Openda 47), **Borussiýa D—Maýns: 1–1** (Brandt 29 — Wan den Berg 43), **Hoffenhaým—Darmştadt: 3–3** (Kramariç 14 p, Bebu 28, 66 — Pfaýffer 23, Skarke 57, 86), **Union Berlin—Köln: 2-0** (Hollerbah 55, Fofana 78), **Aýntraht—Borussiýa M: 2–1** (Buta 90+1, Koh 90+7 — Weber 27), **Baýer—Bohum: 4–0** (Şik 30 p, 32, 45+1, Bonifase 69), **Wolsfburg—Bawariýa: 1–2** (Arnold 45+1 — Musiala 33, Keýn 43), **Haýdenhaým—Fraýburg: 3–2** (Dinkçi 52, Klýaýndinst 84, Ginter 90+2 ö.d. — Höller 7, 64 p), **Ştutgart—Augsburg: 3–0** (Undaw 18, Girassi 45+1, Fürih 69)

### LIGUE 1 (17) — 24 gol

**Brest—Loriýan: 4–0** (Dumbiýa 22, 25, 29, 45+2), **Klermon—Renn: 1–3** (Nikolson 3 — Kalimuendo 53, Due 88, Blýas 90+6 p), **Lion—Nant: 1–0** (Lakazett 49), **Monpelie—Marsel: 1–1** (Faýad 14 — Weretu 52), **Nissa—Lans: 2–0** (Moffi 75 p, 78), **PSŽ—Mets: 3–1** (Witinýa 49, Mbappe 61, 83 — Udol 72), **Reýms—Le Hawr: 1–0** (Nakamura 25), **Strasbur—Lill: 2–1** (Ýoro 41 ö.d., Mwanga 77 — Silla 20 ö.d.), **Tuluza—Monako: 1–2** (Magri 5 — Ben Ýedder 26, 44 p)

### SPL (17) — 15 gol

**Al-Uhdud—Al-Tai: 1–0** (Tanase 56), **Abha—Al-Hazm: 1–1** (Kryhowiak 79 — Selemani 64), **Al Fateh—Al-Şabab: 1–1** (Batna 15 — Radif 58), **Al Faýha—Al Ahli: 0–4** (Abrikan 11, 30, Majraşi 17, Mahrez 43 p), **Al Hilal—Al-Wehda: 2–0** (Abdulhamid 20, Mitrowiç 80), **Al Raed—Damak: 0–1** (N'Kudu 42), **Al-Riýad—Al Halij: 0–1** (Hawsawi 24), **Al-Ittifak—Al Taawun: 0–2** (Mahdiui 41 p, Kastro 63), **Al-Ittihad—Al Nassr** (26-njy dekabrda)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 17 | 12 | 3 | 2 | 35-15 | 39 |
| 2 | LIWERPUL | 17 | 11 | 5 | 1 | 36-15 | 38 |
| 3 | ASTON WILLA | 17 | 12 | 2 | 3 | 37-21 | 38 |
| 4 | MAN. SITI | 17 | 10 | 4 | 3 | 40-20 | 34 |
| 5 | TOTTENHAM | 17 | 10 | 3 | 4 | 35-23 | 33 |
| 6 | NÝUKASL | 17 | 9 | 2 | 6 | 36-21 | 29 |
| 7 | M. ÝUNAÝTED | 17 | 9 | 1 | 7 | 18-21 | 28 |
| 8 | WEST HAM | 17 | 8 | 3 | 6 | 29-30 | 27 |
| 9 | BRAÝTON | 17 | 7 | 5 | 5 | 33-30 | 26 |
| 10 | ÇELSI | 17 | 6 | 4 | 7 | 28-26 | 22 |
| 11 | FULHAM | 17 | 6 | 3 | 8 | 26-29 | 21 |
| 12 | BRENTFORD | 17 | 5 | 4 | 8 | 24-24 | 19 |
| 13 | W. HEMPTON | 17 | 5 | 4 | 8 | 21-29 | 19 |
| 14 | BORNMUT | 16 | 5 | 4 | 7 | 21-30 | 19 |
| 15 | K. PALAS | 17 | 4 | 5 | 8 | 17-25 | 17 |
| 16 | EWERTON | 17 | 8 | 2 | 7 | 22-20 | 16 |
| 17 | NOTTINGAM | 17 | 3 | 5 | 9 | 17-30 | 14 |
| 18 | LUTON TAWN | 16 | 2 | 3 | 11 | 17-32 | 9 |
| 19 | BÖRNLI | 17 | 2 | 2 | 13 | 16-36 | 8 |
| 20 | ŞEFFILD ÝUN. | 17 | 2 | 2 | 13 | 12-43 | 8 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ŽIRONA | 17 | 14 | 2 | 1 | 41-20 | 44 |
| 2 | REAL MADRID | 17 | 13 | 3 | 1 | 38-11 | 42 |
| 3 | BARSELONA | 17 | 10 | 5 | 2 | 31-19 | 35 |
| 4 | ATLETIKO M | 16 | 11 | 1 | 4 | 32-16 | 34 |
| 5 | ATLETIK B | 17 | 9 | 5 | 3 | 33-19 | 32 |
| 6 | R. SOSIEDAD | 17 | 8 | 6 | 3 | 29-18 | 30 |
| 7 | BETIS | 17 | 6 | 9 | 2 | 19-17 | 27 |
| 8 | LAS PALMAS | 17 | 7 | 4 | 6 | 15-14 | 25 |
| 9 | HETAFE | 17 | 6 | 7 | 4 | 21-20 | 25 |
| 10 | WALENSIÝA | 17 | 5 | 5 | 7 | 18-22 | 20 |
| 11 | R. WALLEKANO | 17 | 4 | 8 | 5 | 16-23 | 20 |
| 12 | OSASUNA | 17 | 5 | 4 | 8 | 19-26 | 19 |
| 13 | ALAWES | 17 | 4 | 4 | 9 | 14-23 | 16 |
| 14 | WILÝARREAL | 17 | 4 | 4 | 9 | 23-33 | 16 |
| 15 | MALÝORKA | 17 | 2 | 9 | 6 | 14-20 | 15 |
| 16 | KADIZ | 17 | 2 | 8 | 7 | 14-24 | 14 |
| 17 | SEWILÝA | 16 | 2 | 7 | 7 | 20-24 | 13 |
| 18 | SELTA | 17 | 2 | 7 | 8 | 16-25 | 13 |
| 19 | GRANADA | 17 | 1 | 5 | 11 | 20-37 | 8 |
| 20 | ALMERIÝA | 17 | 0 | 5 | 12 | 17-39 | 5 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 16 | 13 | 2 | 1 | 39-7 | 41 |
| 2 | ÝUWENTUS | 16 | 11 | 4 | 1 | 24-10 | 37 |
| 3 | MILAN | 16 | 10 | 2 | 4 | 29-18 | 32 |
| 4 | BOLONÝA | 16 | 7 | 7 | 2 | 20-12 | 28 |
| 5 | FIORENTINA | 16 | 8 | 3 | 5 | 25-18 | 27 |
| 6 | NAPOLI | 16 | 8 | 3 | 5 | 28-19 | 27 |
| 7 | ATALANTA | 16 | 8 | 2 | 6 | 28-19 | 26 |
| 8 | ROMA | 16 | 7 | 4 | 5 | 28-19 | 25 |
| 9 | TORINO | 16 | 6 | 5 | 5 | 14-16 | 23 |
| 10 | MONZA | 16 | 5 | 6 | 5 | 16-17 | 21 |
| 11 | LASIO | 16 | 6 | 3 | 7 | 16-18 | 21 |
| 12 | LEÇÇE | 16 | 4 | 8 | 4 | 19-21 | 20 |
| 13 | FROZINONE | 16 | 5 | 4 | 7 | 21-26 | 19 |
| 14 | JENOA | 16 | 4 | 4 | 8 | 16-21 | 16 |
| 15 | SASSUOLO | 16 | 4 | 4 | 8 | 24-30 | 16 |
| 16 | KALIARI | 16 | 3 | 4 | 9 | 16-29 | 13 |
| 17 | UDINEZE | 16 | 1 | 10 | 5 | 14-27 | 13 |
| 18 | EMPOLI | 16 | 3 | 3 | 10 | 11-28 | 12 |
| 19 | WERONA | 16 | 2 | 5 | 9 | 13-23 | 11 |
| 20 | SALERNITANA | 16 | 1 | 5 | 10 | 12-34 | 8 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAÝER | 16 | 13 | 3 | 0 | 46-12 | 42 |
| 2 | BAWARIÝA | 15 | 12 | 2 | 1 | 49-15 | 38 |
| 3 | ŞTUTGART | 16 | 11 | 1 | 4 | 37-19 | 34 |
| 4 | LEIPSIG | 16 | 10 | 3 | 3 | 38-17 | 33 |
| 5 | BORUSSIÝA D | 16 | 7 | 6 | 3 | 30-25 | 27 |
| 6 | AÝNTRAHT | 16 | 6 | 6 | 4 | 26-20 | 24 |
| 7 | HOFFENHAÝM | 16 | 7 | 3 | 6 | 32-30 | 24 |
| 8 | FRAÝBURG | 16 | 7 | 3 | 6 | 21-26 | 24 |
| 9 | HAÝDENHAÝM | 16 | 6 | 2 | 8 | 25-32 | 20 |
| 10 | WOLFSBURG | 16 | 6 | 1 | 9 | 20-27 | 19 |
| 11 | AUGSBURG | 16 | 4 | 6 | 6 | 24-31 | 18 |
| 12 | BORUSSIÝA M | 16 | 4 | 5 | 7 | 31-35 | 17 |
| 13 | WERDER | 16 | 4 | 4 | 8 | 23-30 | 16 |
| 14 | BOHUM | 16 | 3 | 7 | 6 | 18-33 | 16 |
| 15 | UNION BERLIN | 15 | 4 | 1 | 10 | 17-31 | 13 |
| 16 | MAÝNS | 16 | 1 | 7 | 8 | 13-28 | 10 |
| 17 | KÖLN | 16 | 2 | 4 | 10 | 10--28 | 10 |
| 18 | DARMŞTADT | 16 | 2 | 4 | 10 | 20-41 | 10 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 17 | 12 | 4 | 1 | 42-14 | 40 |
| 2 | NISSA | 17 | 10 | 5 | 2 | 19-9 | 35 |
| 3 | MONAKO | 17 | 10 | 3 | 4 | 33-22 | 33 |
| 4 | BREST | 17 | 9 | 4 | 4 | 25-15 | 31 |
| 5 | LILL | 17 | 7 | 7 | 3 | 21-14 | 28 |
| 6 | MARSEL | 17 | 7 | 6 | 4 | 25-18 | 27 |
| 7 | LANS | 17 | 7 | 5 | 5 | 21-17 | 26 |
| 8 | REÝMS | 17 | 8 | 2 | 7 | 22-23 | 26 |
| 9 | STRASBUR | 17 | 6 | 5 | 6 | 18-22 | 23 |
| 10 | RENN | 17 | 4 | 7 | 6 | 23-22 | 19 |
| 11 | LE HAWR | 17 | 4 | 7 | 6 | 16-19 | 19 |
| 12 | MONPELIE | 17 | 4 | 7 | 6 | 19-21 | 18 |
| 13 | NANT | 17 | 5 | 3 | 9 | 19-28 | 18 |
| 14 | LION | 17 | 4 | 4 | 9 | 16-27 | 16 |
| 15 | METS | 17 | 4 | 4 | 9 | 16-27 | 16 |
| 16 | TULUZA | 17 | 2 | 8 | 7 | 15-23 | 14 |
| 17 | LORIÝAN | 17 | 2 | 6 | 9 | 21-35 | 12 |
| 18 | KLERMON | 17 | 2 | 5 | 10 | 11--26 | 11 |

**S. ARABYSTANYŇ ÇEMPIONATY /SPL/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | AL HILAL | 17 | 15 | 2 | 0 | 50--9 | 47 |
| 2 | AL NASSR | 16 | 12 | 1 | 3 | 43--19 | 37 |
| 3 | AL AHLI | 17 | 10 | 4 | 3 | 36--19 | 34 |
| 4 | AL TAAWUN | 17 | 10 | 4 | 3 | 30--15 | 34 |
| 5 | AL-ITTIHAD | 16 | 8 | 4 | 4 | 31--18 | 28 |
| 6 | DAMAK | 17 | 7 | 6 | 4 | 32--24 | 27 |
| 7 | AL FATEH | 17 | 7 | 4 | 6 | 30--25 | 25 |
| 8 | AL-ITTIFAK | 17 | 6 | 6 | 5 | 20--18 | 24 |
| 9 | AL-WEHDA | 17 | 7 | 1 | 9 | 28--32 | 22 |
| 10 | AL HALIJ | 17 | 5 | 4 | 8 | 20--27 | 19 |
| 11 | AL FAÝHA | 17 | 4 | 7 | 6 | 19--26 | 19 |
| 12 | AL-ŞABAB | 17 | 4 | 6 | 7 | 18--24 | 18 |
| 13 | AL-TAI | 17 | 5 | 2 | 10 | 20--33 | 17 |
| 14 | AL-UHDUD | 17 | 5 | 1 | 11 | 12--25 | 16 |
| 15 | AL-RIÝAD | 17 | 4 | 4 | 9 | 15--34 | 16 |
| 16 | ABHA | 17 | 4 | 2 | 11 | 19--41 | 14 |
| 17 | AL RAED | 17 | 3 | 4 | 10 | 17--27 | 13 |
| 18 | AL-HAZM | 17 | 2 | 6 | 9 | 18--42 | 12 |

**Iň köp pökgi geçirenler:** (Premier League)

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Man. Siti) | 14 |
| 2 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 11 |
| 3 | Hyn Min SON (Tottenham) | 10 |
| 4 | Jarred BOWEN (West Ham) | 10 |
| 5 | Hi Çan HWAN (Wulwerhempton) | 8 |

**Iň köp pökgi geçirenler:** (La Liga)

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Jud BELLINGAM (Real Madrid) | 13 |
| 2 | Artem DOWBYK (Žirona) | 10 |
| 3 | Borha MAÝORAL (Hetafe) | 10 |
| 4 | Antuan GRIZMANN (Atletiko) | 9 |
| 5 | Alwaro MORATA (Atletiko) | 8 |

**Iň köp pökgi geçirenler:** (Serie A)

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 15 |
| 2 | Domeniko BERARDI (Sassuolo) | 9 |
| 3 | Oliwie ŽIRU (Milan) | 8 |
| 4 | Romelu LUKAKU (Roma) | 7 |
| 5 | Joşua ZIRKZEE (Bolonýa) | 7 |

**Iň köp pökgi geçirenler:** (Bundesliga)

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 21 |
| 2 | Seru GIRASSI (Ştutgart) | 17 |
| 3 | Loi OPENDA (Leipsig) | 11 |
| 4 | Wiktor BONIFASE (Ştutgart) | 9 |
| 5 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 9 |

**Iň köp pökgi geçirenler:** (Ligue 1)

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 18 |
| 2 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 8 |
| 3 | Akor ADAMS (Monpelie) | 7 |
| 4 | Aleksander LAKAZETT (Lion) | 7 |
| 5 | Mostafa MOHAMED (Nant) | 6 |

**Iň köp pökgi geçirenler:** (SPL)

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kristiano RONALDO (Al Nassr) | 16 |
| 2 | Aleksandar MITROWIÇ (Al Hilal) | 15 |
| 3 | Žorž-Kewin NKUDU (Damak) | 14 |
| 4 | Anderson TALIŞKA (Al Nassr) | 10 |
| 5 | Firas AL-BURAÝKAN (Al Ahli) | 10 |



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# UEFA Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň bijeleri çekildi

**UEFA Çempionlar Ligasynda toparçalardaky duşuşyklar tamamlanyp, 1/8 finala çykan 16 klub belli bolupdy. Şol klublaryň 4-si Ispaniýadan bolup, Italiýadyr Germaniýadan 3 klub ýaryşy dowam eder. Bu ýaryşyň öňdebaryjylaryndan hasaplanýan iňlis klublarynyň 2-si 1/8 finala çykyp, şu görkeziji soňky ýyllaryň iň pes netijesi diýlip bellenilýär. Şeýle-de, Daniýadan, Niderlandlardan, Fransiýadan hem-de Portugaliýadan 1 klub 1/8 finalda oýnamaga hukuk gazandy.**



### «MANÇESTER SITI» TOPARYNA ÝENE-DE ÝEŇIL BIJE

Hepdäniň başynda Şweýsariýanyň Nýon şäherinde 1/8 finalyň bijeleri çekildi. Bije çekilişe 16 klubuň degişli wekilleri gatnaşdylar. Bijä laýyklykda, soňky çempion «Mançester Siti» toparynyň bijesine o diýen güýçli bolmadyk klub çykdy. Daniýanyň «Kopengagen» kluby bilen bije çekişen «Mançester Siti» toparyna soňky 8 möwsümde 1/8 finalda güýçli klublar duşmady. Pep Guardiolanyň şägirtleri 2016-njy ýyldan bäri degişlilikde, 1/8 finalda «Dinamo Kiýew», «Monako», «Bazel», «Şalke», «Borussiýa M», «Sporting», «Leipsig» klublary bilen bije çekişdi. «Mançester Siti» bilen «Kopengagen» toparlary mundan ozal 4 gezek duşuşyp, iňlisler şolaryň 2-sinde öz meýdançasynda ýeňiş gazandy (2-1, 5-0). Kopengagen şäherindäki duşuşyklaryň 2-si hem deňlikde tamamlandy (2-2, 0-0). Toparlar ilkinji gezek 2009-njy ýylda UEFA Kubogynda gabatlaşypdylar. Geçen möwsümde-de Çempionlar Ligasynda bir toparça düşüpdiler.

Ispaniýanyň «Real Madrid» topary-da nemesleriň «Leipsig» topary bilen bije çekişdi. Iki klub mundan öň 2 gezek duşuşyp, hersi 1 oýunda ýeňiş gazandy. Toparlar geçen möwsümde bir toparçada çykyş edipdiler. Şonda «Real» topary Madridde 2-0 ýeňip, myhmançylykda-da 3–2 hasabynda asgyn gelipdi.

1/8 finalyň iň öňe saýlanýan bijesi «Inter» bilen «Atletiko Madridiň» bijesi boldy. 2 topar mundan ozal UEFA-nyň ýaryşlarynda diňe 1 gezek duşuşyp, 2010-njy ýyldaky Super Kubogy duşuşygynda ispanlar 2–0 hasabynda ýeňiş gazanypdy.

**Maradonanyň çykyş eden klublarynyň özara duşuşygy**

Başga bir italýan-ispan klublarynyň özara duşuşygynda-da argentinaly rowaýaty futbolçy Diego Maradonanyň çykyş eden 2 kluby – «Napoli» bilen «Barselona» bije çekişdi. Mundan öňki özara 4 duşuşykda «Barselonanyň» 2 ýeňşi, 2 deňligi bar. «Napoli» toparyna «Barselonany» resmi duşuşyklarda ýeňmek başartmady.

Tapgyryň başga bir gyzykly, köp golly geçmegine garaşylýan duşuşyklarynda «Porto» bilen «Arsenal» özara güýç synanyşar. Iki klub mundan ozal 6 gezek duşuşypdy we şolarda «Arsenal» 3, «Porto» 2 sapar ýeňşini baýram edipdi.

«Bawariýanyň» bijesine-de italýanlaryň «Lasio» topary düşdi. Mundan öň 2 gezek duşuşan klublaryň şol duşuşyklarynyň 2-sinde hem nemes kluby ýeňiş gazandy.

Deňeçerräk 2 klubuň bijesinde-de PSW bilen «Borussiýa Dortmund» çärýek finala çykmak üçin özara göreşer. Öňümizdäki oýunlar olaryň 3-4-nji duşuşyklary bolup, öňki 2 oýunda nemes kluby 1 gezek ýeňiş gazandy. Beýleki oýunda-da deňme-deňlik hasaba alyndy.



Toparçadaky soňky duşuşyklardan soň 1/8 finala çykan PSŽ topary ispan kluby «Real Sosiedad» bilen duşuşar. Mundan ozal 2 klub UEFA-nyň ýaryşlarynda hiç hili gabatlaşmandylar.

1/8 finalyň 1-nji duşuşyklary 13–14-nji, 20–21-nji fewralda, jogap duşuşyklary bolsa 5–6-njy hem-de 12–13-nji martda geçiriler.

UEFA Çempionlar Ligasynyň finaly 2024-nji ýylyň 1-nji iýunynda Londondaky meşhur «Wembley» stadionynda geçiriler.

## UEFA Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň bijeleri

**13-nji fewral, 6-njy mart**
«Kopengagen» (Daniýa) – «Mançester Siti» (Angliýa)
«Leipsig» (Germaniýa) – «Real Madrid» (Ispaniýa)

**14-nji fewral, 5-nji mart**
«Pari Sen-Žermen» (Fransiýa) – «Real Sosiedad» (Ispaniýa)
«Lasio» (Italiýa) – «Bawariýa» (Germaniýa)

**20-nji fewral, 13-nji mart**
«Inter» (Italiýa) – «Atletiko Madrid» (Ispaniýa)
PSW (Niderlandlar) – «Borussiýa Dortmund» (Germaniýa)

**21-nji fewral, 12-nji mart**
«Porto» (Portugaliýa) – «Arsenal» (Angliýa)
«Napoli» (Italiýa) – «Barselona» (Ispaniýa)

# Pleý-off tapgyrynyň bijeleri





## 1/8 FINALA BARÝAN ÝOL

### UEFA ÝEWROPA LIGASY

UEFA Ýewropa Ligasynda toparçalardaky duşuşyklar tamamlanyp, iňlis klublarynyň 3-si toparçalarynda 1-nji ýeri eýeläp, 1/8 finala çykdylar. «West Ham», «Braýton», «Reýnjers», «Atalanta», «Liwerpul», «Wilýarreal», «Slawiýa Praga» hem-de ähli duşuşygynda ýeňiş gazanan «Baýer» klublary 1/8 finalda oýnarlar. Toparçalarynda 2-nji ýeri eýelän «Fraýburg», «Marsel», «Sparta Praga», «Sporting», «Tuluza», «Renn», «Roma», «Garabag» toparlary-da UEFA Çempionlar Ligasynda toparçalarda 3-nji ýeri alanlar bilen 1/8 finala çykmak üçin pleý-off duşuşygyny geçirerler. Pleý-off tapgyrynyň bijeleri çekilip, Italiýanyň «Milany» Fransiýanyň «Renn» topary bilen bije çekişdi. «Benfika» topary-da başga bir fransuz kluby «Tuluza» bilen duşuşar. «Şahtýor Donesk» bilen «Marseliň» arasyndaky duşuşyk tapgyryň iň köp ünsi çekýän oýny bolar. Şol sanda «Feýenoord» bilen «Roma» topary-da 1/8 finala çykmak üçin ilki Rotterdamda, soňra Rimde özara duşuşyk geçirer.

Toparçalarda 3-nji orny eýelän 8 klub – «Olimpiakos», «Aýaks», «Betis», «Şturm Gras», «Ýunion Sent-Žilluaz», «Makkabi Haýfa», «Serwett», «Molde» klublary Ýewropa Konferensiýa Ligasynda 1/8 finala çykmak üçin pleý-off duşuşyklaryny geçirer.

UEFA Ýewropa Ligasynda pleý-off tapgyrynyň 1-nji oýunlary 15-nji fewralda, jogap duşuşyklary 22-nji fewralda geçiriler.

UEFA Ýewropa Ligasynyň finaly 2024-nji ýylyň 22-nji maýynda Irlandiýanyň paýtagty Dublindäki «Awiwa» stadionynda oýnalar.

### UEFA ÝEWROPA KONFERENSIÝA LIGASY

Şeýle-de, UEFA-nyň täze bäsleşigi Ýewropa Konferensiýa Ligasynyň hem toparçalaýyn tapgyry tamamlandy. Fransiýanyň «Lill», Ysraýylyň «Makkabi Tel-Awiw», Çehiýanyň «Wiktoriýa Plzen», Belgiýanyň «Klub Brýugge», Angliýanyň «Aston Willa», Italiýanyň «Fiorentina», Gresiýanyň PAOK hem-de Türkiýäniň «Fenerbahçe» klublary toparçalarda 1-nji orny eýeläp, 1/8 finala çykmaga hukuk gazanan toparlar boldy. Toparçalarda 2-nji ýeri eýelän klublar – «Slowan Bratislawa», «Gent», «Dinamo Zagreb», «Bude-Glimt», «Legiýa Warşawa», «Ferenswaroş», «Aýntraht», «Ludogores Razgrad» toparlary-da pleý-off tapgyryna gatnaşarlar. Ady agzalan bu klublar Ýewropa Ligasynda toparçalarda 3-nji orny alan klublar bilen 1/8 finala çykmak üçin bije çekişdiler. Şol bijä laýyklykda, Ispaniýanyň «Betis» topary «Dinamo Zagreb» bilen, «Aýaks» topary Norwegiýanyň «Bude-Glimt» topary bilen duşuşar. «Ýunion Sent-Žilluaz» — «Aýntraht», «Olimpiakos» — «Ferenswaroş» duşuşyklary-da tapgyryň beýleki öňe saýlanan duşuşyklary hasaplanýar.

UEFA Ýewropa Konferensiýa Ligasynda-da pleý-off tapgyrynyň 1-nji oýunlary 15-nji fewralda, jogap duşuşyklary 22-nji fewralda geçiriler.

Geljek ýyldan başlap, ady UEFA Konferensiýa Ligasy diýlip üýtgediljek bäsleşigiň final duşuşygy Gresiýanyň paýtagty Afinydaky «AEK Arena» stadionynda oýnalar.

**UEFA Ýewropa Ligasynyň pleý-off tapgyrynyň bijeleri:**
«Feýenoord» (Niderlandlar) – «Roma» (Italiýa)
«Milan» (Italiýa) – «Renn» (Fransiýa)
«Lans» (Fransiýa) – «Fraýburg» (Germaniýa)
«Ýang Boýz» (Şweýsariýa) – «Sporting» (Portugaliýa)
«Benfika» (Portugaliýa) – «Tuluza» (Fransiýa)
«Braga» (Portugaliýa) – «Garabag» (Azerbaýjan)
«Galatasaraý» (Türkiýe) – «Sparta Praga» (Çehiýa)
«Şahtýor Donesk» (Ukraina) – «Marsel» (Fransiýa)

**UEFA Ýewropa Konferensiýa Ligasynyň pleý-off tapgyrynyň bijeleri:**
«Şturm Gras» (Awstriýa) – «Slowan Bratislawa» (Slowakiýa)
«Serwett» (Şweýsariýa) – «Ludogores Razgrad» (Bolgariýa)
«Ýunion Sent-Žilluaz» (Belgiýa) – «Aýntraht» (Germaniýa)
«Betis» (Ispaniýa) – «Dinamo Zagreb» (Horwatiýa)
«Olimpiakos» (Gresiýa) – «Ferenswaroş» (Wengriýa)
«Aýaks» (Niderlandlar) – «Bude-Glimt» (Norwegiýa)
«Molde» (Norwegiýa) – «Legia Warşawa» (Polşa)
«Makkabi Haýfa» (Ysraýyl) – «Gent» (Belgiýa)








